**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

Hojamyrat Goçmyradow
Berdimyrat Seýitmedow

# ŽURNALISTIKANYŇ USSATLYGY

(döredijilik studiýalarynyň işleri)

Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde žurnalistika hünäri boýunça okaýan talyplar üçin mysaly okuw gollanmasy

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat – 2010

Goçmyradow H., Seýitmedow B.

“Žurnalistikanyňussatlygy„ (döredijilik studiýalarynyň işleri). Ýokary okuw mekdeplerinde žurnalistika hünäri boýunça okaýan talyplar üçin mysaly okuw gollanmasy. –A., Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

*Türkmenistanyň Pezidenti*
***Gurbanguly Berdimuhamedow:***

**Žurnalistika işi, şol sanda döwürleýin metbugatyň işi uly ösüşe eýe boldy.**

## Giriş

Durmuşymyzy habar beriş serişdesiz göz öňüne getirip bolmaýar. Şonuň üçinem habar beriş serişdeleri (metbugat, teleradio, türkmen döwlet habarlar gullugy) jemgyýetde, adamlaryň durmuşynda örän möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Olara „ruhy aýna“ diýlip ýöne ýere aýdylmaýar. Jemgyýetimiz-de, halkymyz-da özüni „ruhy aýnada“ görüp, üstünligine-de, kemçiligine-de göz ýetirýär. Şeýlelik-de, üstünligini berkitmäge, goýberilýän kemçiligi çalt düzetmäge çalyşýar.

Täze Galkynyş eýýamynda habar beriş serişdeleriniň ähmiýeti has-da artýar. Habar beriş serişdeleri Täze Galkynyş eýýamynda öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginde ajaýyp gural hökmünde hyzmat edýär. Ol adamlary ýurduň yglan edilen täze ideologiýasynyň özeni bolan: „Döwlet adam üçindir“ diýlen şygaryň esasy ýörelge bolmalydygy baradaky maksada gönükdirýär.Ýurduň içeri we daşary syýasatyndaky täze üstünlikleri dünýä ýüzüne äşgär edýär. „Biziň içeri we daşary syýasatymyz, dünýäbileleşigindäki abraýymyz we ornumuz durmuşyň ähli ugurlarynda gazanýan ajaýyp üstünliklerimiz belli bir derejede köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň güýjünden we mümkinçiliklerinden nähili peýdalanýandygymyza baglydyr“[1] diýip, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda ýurdumyzyň döredijilik işgärleri bilen geçiren maslahatynda eden çykyşynda nygtady.

Ýurt özgerýär, güýçli depgin bilen ösýär. Häzirki wagtda dünýä ýurtlary metbugatymyzdan, teleradiogepleşiklerimizden alnan habarlardan ugur alyp, Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistanymyzda alnyp barylýan işlere baha berýär.

Ýurdumyz boýunça alnyp barylýan tutumly işlerde, geçirilýän reformalarda, täze özgertmelerde habar beriş serişdeleriniň ähmiýeti barha artýar. Şonuň üçinem döredijilik işgärleri bilen bolan duşuşyklarda (2008-nji ýylyň ýanwary, 2010-njy ýylyň fewraly) hormatly Prezidentimiz žurnalistler bilen aç-açan hem anyk gürrüň geçirdi. Açyk, konstruktiw, talap edijilikli gürrüň, olaryň işine berlen baha žurnalistleri tijendirdi.

Häzirki Täze Galkynyş eýýamynda milli metbugatymyz, milli teleradionyň ösüşide täze basgançaga galdy. Indi döredijilik işiniň formasy-da, mazmuny-da büs-bütinleý täzeçe guralýar. Gazet-žurnallarda çap edilýän materiallar, teleradioda berilýän gepleşikler Täze Galkynyş eýýamynyň ruhuna, hormatly Prezidentimiziň parasatlylyk bilen alyp barýan daşary hem içeri syýasatynda gazanylýan üstünliklere ýugrulýar.

Habar beriş serişdeleriniň mundan beýläkde ösüşi žurnalist kadrlary bilen üpjünçilige, olaryň taýýarlanyşynyň hiline, döredijilik ussatlygyna baglydyr.

Geljekki žurnalistleriň dürli žanrdaky oňat materiallary, gepleşikleri ýazyp bilmekleri üçin olaryň döredijilik ussatlygynyň ýokary derejede bolmagy möhümdir. Geljekki žurnalistlere niýetlenilen mysaly okuw gollanmasynda ussatlygyň teoriýa hem tejribe taýdan käbir meseleleri barada gürrüň berilýär. „Žurnalistikanyň ussatlygy“ dersiniň esasy maksady geljekki žurnaliste ussatlykdan teoriýa hem tejribe endigini bermekdir, olaryň hünär ussatlygyny ýokarlandyrmakdyr.

Dersiň wezipesi: metbugat, TDH üçin material ýazmakda, teleradio üçin gepleşik taýýarlamakda tema, obýekt saýlamagy, fakt ýygnamagy, olaryň seljerilişini, ýazmagyň düzgünlerini öwretmekden ybaratdyr.

„Žurnalistikanyň ussatlygy“ mysaly okuw gollanmasy ilkinji gezek taýýarlanyldy.

Ýaş žurnalistiň esasy wezipeleri:

Ýaş žurnalist metbugat üçin material ýazmazdan ýa-da teleradio üçin gepleşik taýýarlamazdan ozal, ilkinji nobatda nämeleri öwrenmeli:

1. Ýokary okuw mekdebinde okadylýan žurnalistika hünäri degişli edebiýatlardan başga goşmaça (halk hoşalygyna degişli kitaplary, çeper edebiýatlary) okamagy;
2. Ýurdumyzyň Baştutanynyň eserlerini, gazet-žurnallarda çap edilýän çykyşlaryny öwrenmegi;
3. Ýurduň daşary hem içeri syýasatyna degişli syýasy materiallary, umuman gündelik gazet-žurnallary yzygiderli okamagy;
4. Ýaş žurnalisti gyzyklandyrýan meselelere (halk hojalygynyň haýsam bolsa bir pudagyna) degişli edebiýatlary okamagy ýola goýmagy;

Ýöne welin okuw mekdebinde okalýan leksiýalaram, žurnalistika degişli edebiýatlaram žurnalistiň ussatlygyny doly derejede üpjün edip bilmez. Ýaş žurnalist bilimini özbaşdak hem yzygiderli artdyryp durmalydyr.

Ýaş žurnalistiň şahsy kitaphanasynyň (dürli sözlükler hem bolmaly) bolmagy-da hökmanydyr. Gazet-žurnallarda çap edilen oňat materiallaryň gyrkylyp alnan bölekleri saklanylýan papkalaryň döredilmegi-de hökmanydyr.

Ýaş žurnalist daşary ýurt hem ýurduň içerisindäki wakalardan doly habarly bolmaly. Ol ylym hem tehnika täzelikleri bilen tanşyp durmaly. Okan zatlaryny doly ýatda saklamak žurnaliste eýgertmez. Şonuň üçin tehniki-önümçilik, sosial-ykdysady, moral-etiki, medeniýet, edebiýat-sungat, senagat, oba hojalyk, sport ugurlary boýunça

tematiki kartotekalary döretmeli. Munuň özi geljekki žurnalistiň işini ýeňilleşdirer, ýadyna agram düşmezliginiň öňüni alar.

Geljekki žurnalist metbugat üçin ýazýan materiallarynyň, teleradio üçin taýýarlaýan gepleşikleriniň edebi stilini kämilleşdirip durmaly. Her bir materiallarda, gepleşikde ene diliniň çeper sözlerinden peýdalanmagy öwrenmeli.

Ökde žurnalist bolmak üçin daşary ýurt žurnalistleriniň işlerinem okamaly. Olardan M.Kolyzow, I.Ilf, A.Kolosow, D.Zaslawskiý, M.Şaginýan, W.Oweçkin, W.Peskow we başga-da birnäçe ussat žurnalistleri mysal almak bolar.

Şunuň bilen birlikde türkmen žurnalistleriniň-redaktorlarynyň bitiren işleri hem kän. Olardan Gürgen Myradowyň, Mämmet Badaýewiň, Aşyr Annabaýewiň, Şamyrat Täşliýewiň, Gurbandurdy Gurbansähedowyň, Çary Matalowyň, Nurjan Amanowyň, Beki Seýtäkowyň, Baýram Welmyradowyň, Täşli Gurbanowyň, Kakaly Berdiýewiň teleradiožurnalistlerden M.Myşyýew, A.Orazmyradow, K.Meläýewa, E.Çaryýewa we beýlekileriň publisistik materiallary ýaş žurnalistler üçin nusga alarlyk eserlerdir. Ýokarda ady tutulan publisistleriň hersiniň öz stili, wakany beýan ediş ýoly bar. Olaryň hersi publisistik makala ýazmakda özüniň ussatlyk ýoluny ýaşlara miras goýup gitdi.

Ýaş žurnalist ussat ýolunda özüne erk etmegi başarmaly. Döredijilikde şowlulyklar bilen şowsuzlyklara-da duş gelinýär. Ýazan materialyň ýa-da taýýarlan gepleşigiň şowsuz hasaplanylan mahalynda gaharyň gelip, lapykeçlige ýüz urmaly däl. Özüňe erk edip, materialy täzeden işlemeli. Materialyň üstünde ýene-de, ýene-de işläp, ony ýene-de göçürmeli. Materialy her sapar göçüreniňde kämilleşýär. Şeýlelikde, materialam kämilleşýär, ýaş žurnalist ussatlyk ýoluna-da düşüp başlaýar.

Metbugatda, teleradioda dürli žanrlar bar. Ýaş žurnalist ilkibaşda metbugat üçin materialy ýa-da gepleşigi haýsy žanrda ýazmalydygyna göz ýetirmeli. Her bir žurnalist özüniň ukybyna görä žanry saýlap almaly. Žurnalistikada isleg boýunça däl-de ukyp boýunça işlemeli.

Okuw mekdebimiziň žurnalistika hünäriniň talyplary entek okap ýörkäler, publisistika žanryndan makala ýazmaga synanyşýar. Ýazan makalasam şowsuz çykýar.

Biziň pikirimizçe, ýaňy ýazyp başlan talyp, habar žanryndan material ýazyp başlasa ýerine düşer. Sebäbi ol habar beriş serişdelerinde iň köp ýaýran žanrlaryň biri. Habar gysgalygy, ýönekeýligi, çalt ýazylýanlygy bilen beýleki žanrlardan tapawutlanýar.

Habar žanry çalt ýazylýar. Onuň üçin täze fakt ýa-da waka bolsa ýeterlik. Munuň özi habar žanryny hiç hili emgenmezden, kelle „döwmezden“ ýazyp bolýar diýildigi däldir. Beýleki žanrlarda bolşy ýaly, habar žanrynyň hem kanunalaýyklyklary, aýratynlyklary bar.

Habar žanrynyň esasy borjy durmuşymyzda jemgyýetçilik ähmiýeti bolan wakalary, faktlary okyjylara, diňleýjilere, telegörüjilere ýetirmek. Şonuň bilen birlikde, täze faktlary wagyz etmekdir. Dili sada hem düşnükli bolmaly.

Habar žanry esasan, „Näme bolup geçdi, nirede hem haçan“ diýen sowallara jogap berýär. Bu žanrda wakanyň bolmagyna näme sebäp bolandygy öz beýanyny tapmaly.

Habar žanrynyň esasy wezipesi gündelik durmuşymyzda bolýan wakalary dogruçyl hem öz wagtynda habar bermekdir.Galkynyş eýýamynda täzelikler näçe diýseň bar: ýurdumyzyň içeri hem daşary syýasatyndaky şowly ädimler, nebitiň hem gazyň täze açylan ojaklary, zawoddyr, fabrigiň işe girizilmegi, halkara ylmy maslahatlarynyň, sergileriniň, festiwallarynyň geçirilmegi, ajaýyp oýlap tapyşlar, täze binalaryň ulanylmaga berilmegi, daýhan birleşiginiň ýa-da kärendeçiniň uly zähmet üstünligi, milli sportda, medeniýetde gazanylýan ýeňişler we ş.m.

Habar žanry täzeliklere esaslanýar. Her bir täzeligiň jemgyýetçilik ähmiýeti-de bolmaly. Sebäbi täzeliksiz habar žanry bolmaýar. Onuň wezipesi entek bilinmedik, eşidilmedik zady habar bermekdir. Habar hemmelere mälim bolan zatlary gaýtalamaly däldir. Eýsem, habar žanryny nähili ýazmaly? Ilkinji nobatda, täzelikleri duýmaly.Ýaş žurnalistiň beýleki adamlardan tapawutly aýratynlygy onuň synçy bolmagydyr. Görmek hem synlamak bilen faktlary toplamaly. Ondan soň ýazmaly.

Habar žanry çalt ýazylmaly hem operatiw berilmeli. Eger-de täzelik öz wagtynda aýan edilmese, ähmiýetini ýitirýär. „Şu gün“ ýa-da „Düýn“ diýen sözler bilen başlanýan habarlar operatiw habarlardyr. Emma „ýakynda“ ýa-da „Geçen hepdede“ diýen sözler ulanylyp ýazylan habarlary operatiw hasaplamak bolmaz, olaryň gymmaty-da, ähmiýeti-de azdyr.

Şahsy ukybyňa, başarnygyňa göz ýetirip, žurnalistikada habar žanryndan başlasa, ýaş žurnalist üçin bähbitli iş bolar. Türkmenistanyň metbugatynda, teleradiosynda, Döwlet habarlar gullugynda işe başlan žurnalistler habar žanryndan material ýazmak bilen döredijilik ýoluna gadam goýupdylar. Bu däp mundan beýläk-de şeýle usulda dowam etdiriler.

Žurnalistikada ýeňil ýol-da, aňsat iş-de ýok. Materiallar hemme wagt aňsatlyk bilen hem ýazylmaýar. Dürli žanrlarda ýazmak islegi ýaşlarda güýçli hem bolýar. Emma şahsy islegiň bolmagy ýeterlik däldir. Şahsy islegden ozal şahsy döredijilik ukybyňa göz ýetirmeli, haýsy žanrdan ýazjakdygyň barada tejribeli žurnalistler bilen maslahatlaşmaly, her bir žanryň aýratynlygyny öwrenmeli. Belli netijä gelnip, ondan soň galama ýapyşylsa, özüň üçin-de, iş üçin-de peýdaly bolar.

Žurnalist örän köp okamaly hem öwrenmeli. Ol mydama özüne bildirilen talabyň derejesinde bolmaly. Žurnalist şonda islendik tabşyrygy ýerine ýetirmäge taýýar bolup durýar.

Ussatlygyň teoriýa hem tejribe taýdan käbir meseleleri hakda gürrüň etmek bilen ýaş žurnalistiň öwrenäýmeli zatlary boýunça şeýleräk netije çykarmak bolar:

- žurnalist öz hünärine degişli edebiýatlardan başga-da halk hojalygynyň dürli pudagyna degişli kitaplary okamaly.
- çeper söz ussatlygyny öwrenmegi üçin çeper eserleri kän okamaly.

- Türkmen dilindäki gazet-žurnallaryň redaktorlarynyň durmuş ýoluny, iş tejribelerini öwrenmeli.
- daşary ýurt žurnalistleriniň iş usulyny-ussatlygyny sapak edinmeli.
- žurnalistika hysyrdyly, ejirli iş. Ýazan materialyň ýa-da taýýarlan gepleşigiň barada bellik edilende, tankytlanylanda özüňi lapykeçlige salmaly däl-de, özüňe erk etmeli.
- ýazan materialyňy ýa-da taýýarlan gepleşigiňi täzeden işlemeli, ýene-de bir gezek täzeden işlemeli. Soňra bolsa göçürmeli, ýene bir gezek göçürmeli.

Täzeden göçürdigiňçe, material ýa-da gepleşik barha kämilleşýär, şunuň bilen birlikde žurnalistiň-de ussatlygy artýar.

Ýaş žurnalistiň ussatlygy ilki-başda döredijilik studiýalarynda kämilleşýär. Şonuň döredijilik studiýalarynyň – milli metbugatyň, milli radionyň, milli telewideniýäniň, Döwlet habarlar gullugynyň döreýiş, kämilleşiş etaplary barada gysgajyk durup geçmegi makul bildik.

**Türkmen metbugaty.** Türkmen metbugatynyň gyzykly taryhy bar. XIX asyryň ahyrlarynda ilkinji gezek rus dilindäki gazet-žurnallar çap edilýär.  XX asyryň ikinji ongünlüginde rus, pars, türkmen dillerindäki gatyşykly neşirler peýda bolýar.

Sap türkmen dilindäki „Türkmenistan“ gazeti ilkinji gezek 1920-nji ýylyň 29- njy iýulynda çykyp ugraýar. „Türkmenistan“ gazetiniň neşiriniň ýola goýulmagy Türkmenistanda taryhy waka boldy. Şol döwürde döwlet gurluşyny, aň-bilimi, doganlyk-dostlugy wagyz etmekde gazetiň roly barha ýokarlandy.

“Türkmenistan” gazeti milli žurnalistleri taýýarlamakda 1920-nji ýylyň ortalarynda, dürli tipdäki neşirleriň ýola goýulmagynda kerwenbaşy we guramaçy roly oýnady.

Ýurt Garaşsyzlygyna çenli, dürli funksiýaly hem dürli tipli gazet-žurnallaryň gür seti döredildi. Neşirler ýurdumyzyň halk hojalygynyň ähli pudagynda ägirt uly işleri bititdi. Halkyň ylym-bilim derejesini ýokarlandyrdy, doganlyk-dostlugy pugtalandyrdy, zähmet hem ahlak terbiýesini yzygiderli alyp bardy. Emma ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda neşirler ozalkylardan tapawutlandy.

**Tapawutly aýratynlyk esasan şulardan ybarat:**

1. Ýurt Garaşsyzlygy milli neşirleri döretdi. Gazet-žurnallarda halkyň geçmiş taryhy, edebi mirasy, däp-dessury, dini milli baýramlary beýanyny tapýar.
2. Gazet-žurnallaryň atlary beýleki ýurtlaryňka meňzedilmän, milli özboluşlylygy: „Diýar“, „Garagum“, „Güneş“ žurnallary, „Türkmen-dili“, „Adalat“, „Galkynyş“ gazetleriniň atlary bilen tapawutlanýar.
3. Neşirlerde türkmeniň baý milli dili giň ulanylýar hem baýlaşdyrylýar.
4. Ýurdumyzda ýokary bilimli, kämil žurnalistler, milli metbugat bilen baglanyşykda taýýarlanylýar.
5. Gazet-žurnallaryň ýokary hilli, köp reňkdäki neşirlerini çykarmak ýola goýuldy.

6. Gazet-žurnal materiallaryny taýýarlamakda, çap etmekde, dünýä ülňülerine bap gelýän tehniki serişdeler ulanylýar.

Täze Galkynyş eýýamynda materiallaryň mazmunyny hem-de hilini gowulandyrmak barada möhüm wezipeler öňde goýulýar. Ýurdumyzda bolsa şu aşakdaky tipdäki gazet-žurnallar çap edilýär:

1. Merkezi gazet-žurnallar
2. Ýaşlar hem çagalar neşirleri
3. Belli bir pudaga ýöriteleşdirilen neşirler
4. Welaýat, şäher gazetleri

Dürli tipdäki gazet-žurnallaryň her biriniň öz „ýüzüni“ tapmagy wajyp meseledir. Her neşirem öz „ýüzi“ boýunça biri-birinden tapawutlanýar. Eýsem, neşiriň „ýüzi“ diýmek nämäni aňladýar? Her bir neşiriň funksiýasy, tipi boýunça öz „ýüzi“ hem bolýar. Gazet-žurnalyň beýan edýän tematikasy, gozgaýan meselesi, okyjylaryň hatlary, aragatnaşyk saklaýan awtorlary, hatda neşiriň wýorskasy (materialyň düzülişi) neşirleriň „ýüzüni“ kesgitleýär.

Çagalar ýa-da ýaşlar neşirleri fotosuratlary bilen tapawutlanýar. Bu neşirlerde çagalaryň ýa ýaşlaryň dünýäsine, oýlanyş ukyplaryna laýyk gelýän fotosuratlar berilýär. Materiallar ýeňil hem gysga görnüşde çap edilýär. Her bir tipdäki gazet-žurnallar öz „ýüzüni“ tapanda, olar tematikasy boýunça biri-birini gaýtalamaýar, okyjylaryň söýgüli neşirine öwrülýär.

K.Ylýasow bilen H.Goçmyradowyň „Döwrüň aýnasy“ (Aşgabat, 1990), H.Goçmyradowyň „Ruhy gözelligiň aýnasy“ (Aşgabat,1994) kitaplarynda „Sowet Türkmenistany“, „Edebiýat we sungat“ gazetleriniň taryhy, neşirlerde işlän redaktorlaryň durmuş ýollary, döredijilik işleri barada gürrüň berilýär.

**Türkmen radiosy.** Radio-uzak ýerlere habar bermek üçin iň ygtybarly serişde. 1917-nji ýyldan soň ozalky SSSR-iň ähli ýerlerinde radioeşitdiriş işleri giň gerimde alnyp baryldy.

Türkmenistanda radiogepleşik işleri gözbaşyny „radiosöýüjileriň jemgyýetinden“ alyp gaýdýar. Bu özboluşly gurama 1926-njy ýylyň ýanwar aýynda döredilýär. Şol döwürde Aşgabatda radiostansiýany gurmak meselesi-de çözülýär. Radiostansiýanyň gurluşygyny maliýeleşdirmek, onuň alnyp barlyşyna gözegçilik etmek üçin „Türkmenradio“ jemgyýeti döredilýär. Ilatly ýerleri radio enjamlary bilen üpjün etmek hem bu jemgyýetiň esasy wezipeleriniň biri bolýar. 1927-nji ýylyň noýabr aýynyň başlarynda radiostansiýanyň gurluşygy tamamlanylýar.

„Gepleýär Aşgabat!“ - bu sözler ilkinji gezek Türkmenistanyň paýtagtynda işe girizilen radiostansiýadan 80 ýyl mundan ozal ýaňlanypdy.

Gepleşikler ilkibaşda gije-gündiziň dowamynda 6 sagatdan hepdede 6 gün berilýär. Gepleşikler türkmen, rus, azerbaýjan, pars dillerinde bolýar.

Ähli döwürde döwlet syýasatynyň wagyzçysy bolan radio özüniň işe başlan wagtyndan bäri her bir adamyň durmuşyna, ýaşaýşyna ymykly ornaşdy, olaryň ynamdar

we ýakyn dostuna, gündelik wakany beýan edýän habarçysyna, medeniýetli dynç alyş guramaçysyna öwrüldi.

Arhiw maglumatlarynyň şaýatlyk etmegine görä, Moskwanyň sesi Aşgabatda ilkinji gezek 1927-nji ýylyň 7-nji noýabrynda Karl Marks meýdançasynda ýaňlanypdyr. Şol gezek Moskwanyň Gyzyl meýdançasynda geçirilen baýramçylyk dabarasyndan reportaž eşitdirilipdir. Şol ýylyň özünde-de Türkmenistanyň radiogepleşikleriniň ýaýlyma (efire) goýberilişiniň möçberi artdyrylýar.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda türkmen radiosy uly işleri bitirýär. Şäherleriň we obalaryň adamlary her gün Moskwadan sowet informasion býurosynyň frontdaky ýagdaý baradaky maglumatyny hem-de „Tyl-fronta“ diýen gepleşigi eşitmäge mümkinçilik tapýar.

Uruşdan soňky ýyllarda radio hem onuň tehniki we döredijilik mümkinçiligi has-da ösdi. Aşgabatda kuwwatly radioperedatçikler ornaşdyrylyp, uzyn, gysga, orta tolkunlarda işläp biljek täze radiostansiýa ýola goýulýar. Telewizion merkeziň ulanylmaga berilmegi bilen, ultragysga tolkunlardanam gepleşikler berlip başlanýar.

70-nji ýyllarda ýurduň radiogepleşikleri 3 programma boýunça berilýär. Şunuň bilen birlikde, Bütinsoýuz radionyň gepleşikleri-de alnyp eşitdirilýär.Gije-gündiziň dowamynda berilýän 63 sagatlyk gepleşigiň 48 sagady türkmen radiosyna degişlidi.

Türkmen radiosynyň aýaga galmagyna we ösmegine, gyzykly gepleşikleriň efire berilmeginde döredijilik işgärleri uly goşant goşdular. Bu möhüm işde ýazyjylaryň, žurnalistleriň, kompozitorlaryň, sazandalaryň hyzmaty uly.

Radiožurnalistler – B.Pälwanow, P.Çörliýew, S.Mämmedow, A.Myradow, A.Myşyýew, H.Galandarow we beýlekiler jany-teni bilen yhlasly zähmet çekdiler.

Ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda türkmen radiosy özbaşdak ösüş ýoluna düşdi. Türkmen radiosynda uly özgertmeler bolup geçýär. Efire berilýän radiogepleşikler milli häsiýete ýugrulýar. Radionyň tehniki serişdeleri dünýä ülňülerine laýyk getirilýär.

Täze Galkynyş eýýamynda ozalky hereket edip gelýän „Watan“, „Miras“, „Çar tarapdan“ radioýaýlymlarynyň maddy-tehniki bazasy has-da pugtalandyrylýar, üstesine ýene-de „Owaz“ radioýaýlymy hem döredildi.

Türkmen radiosynda radiožurnalist esasy dörediji işgär bolup, onuň ussatlygy bilen ýokary hilli gepleşikler taýýarlanylýar.

## Radiožurnalist

Radionyň auditoriýasy giň we hertaraplydyr. Radiožurnalist ýurduň ähli ýerindäki adamlar bilen aragatnaşyk saklap bilýär.

Ol habar ýazmakdan başlap, çylşyrymly žanrlar üçinem ilkinji nobatda maglumat almaga çalyşýar. Haçan-da, žurnalist jemgyýetde tutýan ornuny duýup, galama ýapyşanda, özara bähbit birigýär we onda maglumat almak isleýän adamy bilen tanyşmak höwesi artýar.

Gepleşik taýýarlamaga girişmezden ozal, her bir žurnalist özüniň borjuna göz ýetirýär:

- Tutuş jemgyýetiň ösüşini, şol sanda etrabyň syýasy, ykdysady,medeni ösüş aýratynlygyny bilmelidigine;
- Jemgyýetiň, şol sanda adamlaryň-da islegine göz ýetirmelidigine;
- Özüniň alan tabşyrygyny birkemsiz berjaý etmelidigine;
- Habar beriş serişdeleriniň, şol sanda radionyň-da tutýan ornuny bilmelidigine;
- Žurnalist audtoriýanyň islegine, şol sanda öz mümkinçiligine-de göz ýetirmelidigine düşünýär.

Radiožurnalistiň döredijiligine şu aşakdaky faktorlar hem täsir edýär:

1. Özüniň zähmet çekýän ýerindäki iş ýagdaýy;
2. Işdeş ýoldaşlary bilen gatnaşygy;
3. Özüniň şahsy ýagdaýy (syýasy sowatlylygy, ahlaklylygy) ;
4. Islendik žanrdan ýazmak ukybynyň bolmagy;

Radiožurnalist zehinli, öz kärini söýýän, işe döredijilikli ýapyşýan, sowatly adam bolýar. Radiožurnalist operatiw işläp, gepleşigi operatiw taýýarlaýar. Ol örän alçak bolup, dürli agyr häsiýetdäki adamlar bilen derrew düşünişip bilýär.

Gepleşik üçin fakt almakda şahsyýet uly rol oýnaýar:

1. Abraýly hem alçak adamlar;
2. Kärine görä, şahsyýetleriň häsiýetlerem dürli-dürli bolýar:
    1. Mugallymlar, terbiýeçiler, kitaphana işgärleri maglumat bermäge höwesek bolýarlar;
    2. Takyk ylymlaryň işgärleri (fizika-matematika ylymlary boýunça) az söz bilen anyk aýtmaga çalyşýarlar;
    3. Tankytçylar, sungat hem medeniýet işgärleri köpsözlülige ýykgyn edýärler.

Ýöne welin şu ýerde ýene bir zady bellemeli. Gepleşik üçin interwýu berýäne 3 sany faktor hem täsir edýändir. Ol faktorlar şu aşakdakylardan ybarat:

1. Temanyň wajyplygy;
2. Gepleşik üçin meseläniň goýluşy;
3. Interwýu alýan žurnalistiň şahsyýeti, etikasy (özüni alyp barşy).

Radiožurnaliste şu aşakdaky häsiýetler örän zerurdyr:

1. Özüne hem taýýarlajak bolýan gepleşiginiň şowly bolmagyna bolan ynamy.
2. Dürli agyr häsiýetdäki adamlardan maglumat alanda saklanyp bilmegi.
3. Interwýu berýäni hormatlamagy.
4. Ýokary medeniýetlilik (daşky hem içki medeniýet).

Habar beriş serişdeleriniň, şol sanda radionyň gepleşikleriniň täsirlidigini ýokarlandyrmagyň ýollary şu aşakdaky deňlemede kesgitlenilýär:

HBS – A+H+O+J+JO+GH+ÇH+JP+HBST+HBSP

Bu ýerde:

A – awtor.
H – gepleşigiň ýa-da materialyň hili.
O – operatiwlik.
J – jogap, seslenme alnyşy.
JO – jogabyň ýa-da seslenmäniň operatiw berlişi.
GH-ÇH – gepleşigiň ýa-da çap edilişiniň hili.
JP – jemgyýetçilik pikiri.
HBST – habar beriş serişdelerine täsiri.
HBSP – habar beriş serişdeleri hakda pikir.

Radiožurnalist ýokary hilli gepleşikleri taýýarlamak bilen HBS-e täsirini ýetirýär we ol hakda oňat pikirleri döredýär.

## Türkmen telewideniýesi

Telewideniýe 1958-nji ýylda döredildi hasap edilen hem bolsa, onuň ösüş ýoly 60-njy ýyllardan başlanýar. Ilkibaşda telewideniýe ozalky „Bilim“ jemgyýetiniň jaýyndan 2-3 sany otag berilýär, ozalky Döwlet plan komitetiniň jaýynyň 3-nji gatynda hem Göçme telewizion stansiýasynyň apparaty oturdylýar. Telewideniýe boýunça kino görkezilýär, aýdym-saz berilýär. Olar hem Gökdepe-Gäwers aralygynda uzaga gitmeýär.

60-njy ýyllaryň başlarynda telebaşnýa (telediň) ulanylmaga berlensoň, telewideniýede iş ugrugyp başlaýar. Telewideniýede işlemäge edebi-döredijilik işgärleri çagyrylýar. Studiýa açylyp, telewideniýäniň çeperçilik geňeşi döredilýär.

Emma işler birbada şowuna bolup gidibermeýär. Režissýorlar, olaryň kömekçileri, operatorlar ýetenokdy. Daşkendiň teatral institutyny gutaranlar işe girdiler. Fotohabarçylar telewideniýa işe çagyryldylar.

Şeýlelikde, telekanallaryň göwrümi artyp, halk hojalygynyň dürli pudagy boýunça bölümler döredilýär. Taýýarlanylýan gepleşikleriň sany artýar, mazmuny gowulanýar. Telefilmler alnyp başlanýar.Türkmen telewideniýesiniň maddy-tehniki bazasy pugtalandyrylýar. Ol ösüş ýoluna düşüp, 1967-nji ýylda gepleşikler Moskwadan hem alnyp görkezilip başlandy. Şunuň bilen birlikde gepleşikleri dürli reňkdäki şekillerde bermek ýola goýuldy.

Türkmen telewideniýesi gysga wagtda kyn ýoly geçip, tejribe toplaýar. Taýýarlanylýan gepleşikleriň hili gowulandyrylýar. XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrlarynda telefestiwallar geçirilip başlanýar, respublikalaryň arasynda telegepleşikleriň alyş-çalşy ýola goýulýar. Nebitdagda (Balkanabat), Çärjewde (Türkmenabat), Baýramalyda telewizion merkezler açylýar.

Garaşsyz Türkmenistanyň öz ýörelgesine, syýasatyna, kanunyna gabat gelýän milli telewideniýesi-de döredi. Halkara gatnaşyklarynyň giňelmegi bilen türkmen žurnalistikasynda täze sahypalar açyldy.

Žurnalistleriň, esasan-da teležurnalistleriň özlerine bildirilýän ýokary talaby doly ödemegi üçin ýurdumyzyň milli Teleradiokompaniýasynyň maddy-tehniki bazasyny üzül-kesil gowulandyrmak zerurdy. 1996-njy ýylyň 19-njy sentýabrynda Fransiýanyň „Buig“ TF telewizion kanalynyň ýolbaşçylary hem-de belli fransuz biznesmenleri bilen duşuşyk geçirilip, ýurdumyzyň telewizion merkeziniň gurluşygy hakynda protokola gol çekildi. Ylalaşyga laýyklykda, ol iň häzirki zaman standartlaryna laýyk gelýän telewizion merkez bolmalydy.

Garaşsyz Türkmenistanyň hökümeti milli telewideniýäni täze tehnika bilen üpjün etmekde serişde gaýgyrmady. Has dogrusy, Türkmenistanyň milli telewideniýesini dünýäde iň täze tehnika bilen üpjün etmäge 15 million dollar serişde goýberildi. Şeýlelikde, 1998-nji ýyldan milli telewideniýämiz täze tehnika bilen üpjün edilip başlandy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen telewideniýesiniň „ýüzi“ täzelendi. Telewideniýede ornaşdyrylan täze tehnika esasynda „Watan“, „Giç ýagşy“, „Säher salamy“ ýaly habarlar gepleşikleri professional şapkalary (umumy sözbaşylar), täze diktorlar, täze alypbaryjylar bilen teleýaýlyma çykdy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda döredilen milli telewideniýäniň „Watan“ habarlar gepleşigi gysga wagtyň içinde uly abraýa eýe boldy. Bu gepleşik halk arasynda milli telewideniýäniň ýüzi hasaplanylýar.

Halkyň uly höwes bilen seredýän „Jahan ýaňy“, „Giç ýagşy“, „Säher salamy“, „Rysgal-döwletli türkmen“, „Ýedi gün“ ýaly gepleşikleri, türkmen we iňlis dillerindäki beýleki habarlar hem goýberilişiniň gözbaşyny „Watan“ habarlar gepleşiginden alyp gaýdýar.

Garaşsyzlyk döwründe: „Altyn asyr: Türkmenistan“, „Miras“, „Ýaşlyk“, „TV-4: Türkmenistan“ ýaly teleýaýlymlary döredildi. Bu teleýaýlymlaryň hersi özbaşdak, biri-birine garaşsyz bolup, ýurduň dürli ugurlaryndaky alnyp barylýan işleri, ýetilen sepgitleri, halkyň däp-dessuryny teletomaşaçylara ýetirýär. Täze Galkynyş eýýamynda döredilen „Türkmen owazy“ hem telegörüjileriň söýgüsini gazanýar.

## Teležurnalist

Telewideniýe – habar beriş serişdeleriniň möhüm görnüşleriniň biri bolmak bilen, onuň täsir edijilik ukyby güýçlüdir. Telewideniýe adamlary bir wagtda ýurduň içersindäki wakalar bilen birlikde, dünýä ýüzündäki wakalar bilenem tanyşdyrýar.

Telewideniýede žurnalist bolup zähmet çekmek kyn hem örän jogapkärli. Sebäbi diktorlaryň, alyp baryjylaryň okaýşyna köp zat bagly. Bir teksti dürli hili okap bolýar. Bu ýagdaý radioda hem şeýledir. Emma telewidenýede welin diktorlar, alyp baryjylar tomaşaçynyň gözüniň alnynda hereket etmeli bolýarlar.

Telewideniýede operatorlara hem köp zat bagly. Bir temany dürli hili surata düşürip bolýar. Ussat operatoryň gözünden kiçijik tehniki detal hem (adamyň geň galyp durmagy ýa-da az wagtlyk oýa batmagy we ş.m.) sypmaýar.

Her gepleşik ýokary ideýaly bolmaly. Gepleşikde ssenariýeçi hem redaktor möhüm rol oýnaýar. Ssenariýeçi gepleşigiň edebi esasyny döredýär. Redaktor, ýagny teležurnalist materialy syntgylaýar (redaktirleýär).

Eger gepleşigiň obýekti adam hakynda bolsa, onda oňa gürrüňdeşem gerek. Eger gepleşik göni efire gidýän bolsa, onda şeýle gepleşigi alyp baryjy teležurnalistem gerek.

Habar beriş serişdeleriniň beýleki görnüşlerinde bolşy ýaly, telewideniýeniň auditoriýasy hem dürli sosial toparlardan ybaratdyr. Şol topardaky adamlaryň duýgusyna täsir etmeli bolýar.

Diktorlardan başga, alyp baryjylar hem bolýar. Olar gepläp bilýän, dilewar adamlar bolmalydyr. Çünki taýýar teksti okamak däl-de, ýatdan aýtmak täsirlidir.

Gepleşigi bermegiň dürli formasynyň hem usulynyň bolmagy telewideniýede dürli žanrdan peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Şunda telewideniýeniň aýratynlygy (tekstiň wideoşekil hem wideoýazgy bilen utgaşmagy) diňe faktlar hem wakalar barada gürrüň bermän, eýsem olary ekranda-da aýdyň görkezmäge mümkinçilik döredýär.Şeýlelikde, gepleşigiň täsirliligini artdyryp, teletomaşaçynyň ünsüni çekýär.

Telewideniýe gepleşik taýýarlamak radiodakydan çylşyrymly. Radionyňka garanda, telewideniýede gepleşik taýýarlamaga gatnaşýanlaryň sany köp. Her bir gepleşigi taýýarlamaga redaktordan (teležurnalistden) başga, režissýor, teleoperator, hudožnik, tehniki işgärler gatnaşýar.

Teležurnalist interwýu bermäge çagyrylan adam bilen ekranda duşuşanda, sowallary mylaýymlyk, örän medeniýetlilik bilen berýär. Gepleşigiň teksti-de, sowallar-da sada hem düşnükli bolmaly. Hiç hili öwrümli sözlerden düzülmeýär. Çykyş etmek üçin ekrana çagyrylan adam göni kamera seretdirilmeýär. Çykyş edýän adam bilen teležurnalist biri-biriniň ýüzüne seredip gürrüňi dowam erdirýär.

Teležurnalist ekranda teletomaşaçy bilen ýeke özi galanda hem aljyraman, gepleşigi alyp barmany başarýar. Teležurnalist çykyşynda yzygiderli saklanylýar. Her bir çykyşyň Girişi, Jemleýji bölegi bolýar.

Gazet materiallarynda bolşy ýaly, teležurnalistleriň çykyşlarynda-da sýužet hem kompozisiýa saklanylýar. Sýužet meselesinde metbugat, teleradio žanrlary edebi žanrlardan tapawutlanýar.

Käbir žanr, meselem telehabar žanry öz wezipesini ýerine ýetirse-de, onda sýužet ýokdur. Emma beýleki materiallarda, meselem, telereportažda, teleoçerkde sýužet bardyr.

Sýužet žurnalistikada häsiýetiň taryhy, adamlaryň aragatnaşygynyň, wakanyň taryhy bolman, aktual jemgyýetçilik meseleleriň-de taryhydyr. Sýužet sosial maksatlar sebäpli guralýar. Oňa maksadyň jemi hökmünde garalýar.

Sýužet teležurnalistikada birtipli däldir. Dokumental esasy bir bolup, sýužet gurluşy dürli-dürlüdir. Telemateriallar bir maksada – waka, sosial häsiýetli meselelere syrykdyrylýar. Şonuň üçin hem teležurnalistiň çykyşynda dürli sýužetler bolýar.

Teležurnalistikada häsiýetiň üsti bilen meseleler açylýar. Wakada häsiýetler ýüze çykýar. Meseleler wakada anyklanylýar.

Waka esasy bolup, ol köp ýaýran sýužetleriň biridir. Waka esasan-da telereportažda, teleoçerkde köp ulanylýar.

Sýužeti eýsem, näme herekete getirýär? Sýužeti herekete getirýän güýç-konfiliktdir (garşylykdyr). Sýužet şonuň töwereginde gurulýar.

Garşylyk syýasy – jemgyýetçilik mazmunly materiallarda bolmaýar. Garşylyklaýyn wagyz ediji häsiýetli telemateriallarda garşylyk bardyr.

## Türkmen döwlet habarlar (TDH) gullugy

Türkmen döwlet habarlar (TDH) gullugy habar beriş serişdeleriniň möhüm görnüşleriniň biridir. 1918-nji ýylda РОСТА (Российское телеграфное агенство) döredilýär. Ol 1925-nji ýylda bütinsoýuz agentlige öwrülýär. 1935-nji ýylda РОСТА ýatyrylyp, täze ТАСС (Телеграфное агенство Советского Союза) agentligi işläp başlaýar.

Şeýlelikde, ТАСС ähli soýuz respublikalaryň merkezi informasion organy bolup, ähli agentlikleriň işine ýolbaşçylyk hem gözegçilik edýär. Onuň wezipesi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Ýurduň ähli territoriýasy boýunça möhüm syýasy, ykdysady, medeni wakalar barada resmi habarlary, fotosuratlary taýýarlamak.
2. Daşary ýurtdaky möhüm wakalar barada informasion materiallary, fotosuratlary taýýarlamak.
3. Ýurduň ähli territoriýasyndaky gazet-žurnallaryň redaksiýalaryna, teleradio informasion materiallary, fotosuratlary ýaýratmak.

ТАСС-yň gurluşyna laýyklykda, ähli respublikalarda bolşy ýaly, Türkmenistanda hem habar beriş serişdeleriniň bir görnüşi hökmünde Türkmenistan telegraf agentligi (TürkmenTAG) döredilipdi. Bu resmi organ aslynda Türkmenistan MIK-niň we Halk komissarlar komitetiniň karary esasynda 1925-nji ýylyň 12-nji dekabrynda döredilipdi.

TürkmenTAG döredilen gününden başlap, respublikanyň habar beriş serişdelerini resmi materiallar, dürli temadaky habarlar, fotosuratlar bilen üpjün etmekde uly rol oýnady. Onuň 30-njy hem 40-njy ýyllarda, esasan-da Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda bitiren hyzmaty has-da uly.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda respublikada Türkmenistan telegraf agentliginiň – TürkmenTAG-yň „TASS oknolaryny“ çap edip çykarmagy-da uly ähmiýete eýedir. Bu iş Türkmenistan Halk komissarlar sowetiniň 1941-nji ýylyň 12-nji noýabryndaky karary esasynda guralyp başlanypdy we tä uruş gutarýança dowam

edipdi. Şol döwürde „Oknolaryň“ möhüm syýasy-wagyz edijilik ähmiýetiniň bardygy nazara alnyp, olaryň wagtly-wagtynda çykyp durmagy üçin zerur bolan kagyz we maliýe serişdeleri bilen üpjün edip durmak alada edilýärdi.

„Oknolaryň“ suratlaryny respublikanyň hudožnikleri çekýärdiler, şol suratlara degişli tekstler çap şrifti görnüşinde ýazylýardy. Şeýle usulda taýýarlanylan „oknolaryň“ nusgasy soňra çaphanada köp tiraž bilen çap edilip çykarylýardy. „Oknolaryň“ köp ekzemplýary Türkmenistan kitap palatasynyň „Plakatlar“ gaznasynda saklanylýar. „Oknolaryň“ iň soňky sany 1945-nji ýylyň 29-njy aprelinde çykypdyr.

„Oknolaryň“ esasy tematikasy German faşizmine garşy alnyp barlan azat edijilik göreş, Goşunyň duşmana urýan zarbalary, esgerleriň söweş edermenligi, tylda adamlaryň gahrymançylykly zähmetidi. Şunuň bilen birlikde, suratlarda faşistik garakçylaryň ýigrenji keşbi, talaňçylygy, ejize ganymlygy-da paş edilip görkezilýärdi.

„Oknolardaky“ tekstler köplenç türkmen hem rus dillerinde berilýärdi. Şeýlelikde, „oknolaryň“ üç ýarym ýylyň dowamynda 300-e golaý sany çykypdyr. Olaryň her biri-de möhüm we derwaýys meseleleri täsirli suratlar hem ýiti sözler bilen öz wagtynda şekillendirip durupdyr.

TürkmenTAG-yň „oknolaryny“ çykarmaga hudožnikler Daneşwar, Melniçuk, Žaýçkin, Ponomarew we başgalar gatnaşypdyr.

Agentlik habar beriş serişdeleriniň ählisini möhüm syýasy, ykdysady, medeni wakalar hem-de welaýatlar boýunça dürli temadaky informasion materiallar, fotosuratlar bilen üpjün edýär.

1972-nji ýyldan TürkmenTAG-yň gurluşy üýtgedilip, Türkmeninforma öwrülýär. Şeýlelikde, agentlik bölümleriň sany köpeldilýär, taýýarlanylýan materiallaryň möçberi artýar.

Ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda Türkmeninformyň-da gurluşy üýtgedilip, Türkmenprese öwrülýär. Maddy-tehniki bazasy gowulandyrylýar. Materillar milli dilde taýýarlanylýar. Agentligiň taýýarlaýan materiallary teletaýpyň üsti bilen redaksiýalara ýetirilýär.

XXI asyryň başlaryndan Türkmenpresiň ýerine Türkmen döwlet habarlar (TDH) gullugy döredilýär. Gulluk öz işini wakalara gyzgyny bilen seslenmek we dürs baha bermek, ynandyryjylyk, ýokary hillilik ýörelgelerini goldanyp guraýar. Sosial-syýasy, ykdysady, medeni babatda ýurtda amala aşyrylýan düýpli özgertmeleri, bazar ykdysadyýetine geçmegiň ýollaryny beýan etmekde Türkmen döwlet habarlar gullugynyň hyzmaty uly.

Türkmen döwlet habarlar gullugy diňe informasion materiallary däl, ýurtda geçirilýän ähli özgertmeleriň usullaryny çynlakaý seljerýän makalalary hem taýýarlaýar. Şeýlelikde, gullugyň habarlar mekdebi, özboluşly ýol-ýörelgesi kemala geldi.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň we baky Bitaraplygynyň özboluşly sene ýazgysynyň döredilmegi gullugyň ileri tutulýan wezipeleriniň biridir. Bu sene ýazgysy

TDH-niň „Türkmenistanyň täzelikleri“ hepdelik neşirinde beýan edilýär. Türkmen, rus, iňlis dillerinde çap edilýän hepdelik ýurduň içersinde hem, Reýter, ITAR-TASS we IRNA ýaly dünýäniň esasy habarlar agentlikleriniň kanallary boýunça-da ýaýradylýar. Bulardan başga-da, TDH gullugynyň habarlary Internet ulgamyndan peýdalanýanlaryň ählisi üçin elýeterlidir, onda gullugyň öz sahypasy bar.

TDH gullugy ECONA (EKO gatnaşyjy ýurtlaryň habarlar agentligi), ACSNA (häzirki ýurtlaryň täzelikler agentligi) ýaly sebit boýunça habarlar guramalarynyň işine hem gatnaşýar. Ýakyn wagtda Hytaýyň „SINHUA“ täzelikler agentligi bilen-de habarlary yzygiderli alyşmak üçin gatnaşygy ýola goýmak göz öňünde ttulýar.

Beýik Galkynyş eýýamynda TDH gullugynyň öňünde has-da uly wezipeler durýar. Gulluk ýurdumyzyň ähli pudagyna degişli informasion materiallary çap etmek bilen birlikde, uly göwrümli kitaplary-da neşir etmegini dowam etdirýär. Ol kitaplarda bolsa Garaşsyz ýurdumyzyň sene ýazgylary beýan edilýär.

Türkmen döwlet habarlar (TDH) gullugy resmi edaradyr. Ol habar beriş serişdeleriniň ählisini resmi habarlar bilen üpjün edýär. Agentlik uzak we taryhy ýoly geçdi. Onda uruşdan soňky ýyllarda Aşyrmyrat Goşaýew, Gürgen Myradow, Akmyrat Mämmedow, Mämmet Orusow, Lýudmila Glazowskaýa, Kakamyrat Ballyýew, Jeren Taimowa dagy ýolbaşçy wezipelerde işlediler. Häzirki wagtda TDH gullugynyň başlygy B.Amansaryýewdir.

TDH gullugy (agentligi) ýurdumyz boýunça resmi habarlary – Ministrler Kabinetiniň mejlislerinden, hormatly Prezidentimiziň geçirýän duşuşyklaryndan, daşary ýurtlara hem ýurt içerisindäki saparlaryndan, ýurt hem halkara derejelerdäki dürli çärelerden materiallary taýýarlaýar. Şeýle hem Prezidentiň Permanlarydyr Kararlaryny bir tekstde berýär. Merkezi gazetleri, radiony hem telewideniýä1 ni resmi habarlar, fotosuratlar bilen üpjün edýär. TDH gullugynyň materiallaryndan welaýat, şäher gazetleri-de peýdalanýar.

TDH gullugy habarlarda säwliklere, ýalňyşlyklara ýol bermezligi üçin ähli neşirler hem teleradio üçin resmi materiallary bir tekstde operatiw taýýarlaýar. TDH gullugy, şunuň bilen birlikde, ýurduň welaýatlaryndan ýerli habarlary hem fotosuratlary-da berýär.

## Habar beriş serişdeleri üçin material taýýarlanylyşy
## Tema saýlanylyşy

Žurnalistiň ussatlygy ilkinji nobatda tema saýlanylyşyndan başlanýar. Temany nähili saýlamaly? Tema kän. Olaryň hemmesi hakda ýazmagam mümkin däl. Temalaryň arasyndan döwrüň talap edýän temasyny saýlamagy başarmaly.

Tema esasy zat bolup durýar.Tema saýlamak material ýazmakda ilkinji ädimdir. Ýaş žurnalist tema saýlanda esasan iki sany ugur boýunça hereket etmelidir:

1. Möhüm, aktual, döwrüň öňe sürýän meselesine jogap berýän, bap gelýän tema bolmalydyr.
2. Saýlap alan temaň ukybyňa görä bolmalydyr. Tema möhüm, aktual bolanda-da, ony ýazmak hem gerek. Žurnalist temany ýazyp biljekmi ýa ýok. Temanyň içine girip, öňde goýlan meseläni çözüp biljekmi ýa-da ýok. Žurnalist tema saýlanda, ilkinji nobatda şu meselä üns bermeli. Bilim derejesini, ýazyp bilijilik ukybyny ölçemeli. Şondan soň galam ýapyşmaly.

Tema dürli-dürli. Meselem gurluşyk hakyndaky temany alyp göreliň: täze ýaşaýyş jaýlarynyň, medeni-sosial edaralaryň, okuw mekdepleriniň, tekstil ulgamlarynyň, fabrikleriň, sport kompleksleriniň täze binalary barha köpelýär. Özem biziň günlerimizde örän çalt depginde ösýär. Bu gurluşyklaryň hemmesi-de döwrüň öňe süren meselesi, möhüm hem aktual tema. Emma gazet materialynda ýa-da teleradio üçin taýýarlanyljak gepleşikde bu gurluşyklaryň hemmesi hakynda aýdyp bolmaz ahyryn. Haýsy hem bolsa birini saýlap almagy başarmaly.

Umuman materialda köp temalylyk halanmaýar. Bir temany saýlap alyp, şonuň daşynda aýlanmaly.Ýaş žurnalist kämahal daýhan birleşiginde pagta ýygymy ýa-da galla oragy hakynda gürrüň berýär. Materialda bir tema hakynda ýazylmagy gowy zat. Emma şol materialyň ahyrynda kärençilere edilýän medeni, söwda, durmuş hyzmatlary hakynda-da ýazylýar. Eýýäm material bir temalykdan köp temalyga geçýär. Köp temalylyk bolsa, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, materialyň ähmiýetini gaçyrýar. Şonuň üçin ýaş habarçy haýsam bolsa bir temany saýlap almaly. Saýlap alan temasyny oňat öwrenip, şondan soň ýazmaga girişmeli. Şeýle halatda material hem gyzykly çykar, žurnalistiň hem abraýy artar.

Bir tema saýlanylyp alnanda-da, temanyň hut özüni beýan etmäge çalyşmaly. Meselem, ýaş žurnalist bilim ulgamy hakyndaky temany saýlap alypdyr diýeliň. Giňeldilen informasiýa žanry saýlap alýar. Diýeli 150 setirlik material ýazmaly. Ýaş Žurnalist ýazyljak şu möçberdäki materialda bilim ulgamyna degişli ähli kararlary sanap çykýar. Üstesine-de, azyndan iki sany rowaýaty getirýär. Ýaş žurnalistiň ýazan şeýle materialynyň gymmaty-da, ähmiýeti-de bolmaýar. Materialy şeýle usulda ýazmak häzirki wagtda ýaşlarda endik bolup galypdyr.

Bir temada ýazylýan materialda rowaýat getirmek ussatlygyň nyşany däl-de, ejizligiň, söze garyplygyň nyşany.Sebäbi rowaýatyň özi özbaşyna tema ahyryn. Özi hem rowaýat diýlen zat hemme materialda däl-de, taryhy temalarda çen-çaky bilen ulanylsa maksada laýyk bolar.

Bir temaly materialy-da netijeli bolar ýaly edip ýazmaly. Meselem, daýhan birleşiginde gowaça bejergisi hakynda material ýazmak meýilleşdirilýär. Tema aktual, özem bir temadan. Emma ýaş žurnalist gowaça bejergisi hakynda ýazanda, gowaçalary ýekeläp ýören, hapa-haşal otlardan arassalap ýören adamlaryň, ýaşajyk gowaçalaryň hatar aralaryny kultiwatorlap ýören mehanizatorlaryň, ekinlere ilkinji ösüş suwuny tutmaga taýýarlyk görýän suwçylaryň sanawyny getirýär welin materialyň içi

familiýadan dos-doly. Bu bolsa bir temadan ýazylan materialyň gymmatyny, ähmiýetini gaçyrýar. Ýaş žurnalistiň bolsa material ýazmakda entek kösençlik çekýändigini, halypa žurnalistlerden material ýazmakda ussatlygy öwrenmelidigini görkezýär.

Umuman temanyň özi mydamalyk hem möwsümleýin bolup, olar biri-biri bilen utgaşyklykda hem beýan edilýär. Mysal üçin Watan, ene-ata, söýgi meselesi, önümiň hilini ýokarlandyrmak mydamalyk tema hökmünde her pasylda-da ýazylýar. Emma metbugat, teleradio ony hil meselesi hakdaky karar bilen baglanyşdyryp beýan etse, mydamalyk tema wagtlaýynça möwsümleýin tema öwrülýär duruberýär. Ýene-de bir mysal. Hyzmat meselesi (medeni hyzmat, söwda hyzmaty) mydamalyk tema. Emma metbugat, teleradio ony möwsümleýin tema öwürýär. Meselem pagta ýygymyndaky, galla oragyndaky medeni, söwda, durmuş hyzmatyny hakynda ýazýar. Bu temadan ýylyň dört paslynda birmeňzeş berilmeýär. Oňa möwsümleýin, işiň gyzgalaňly wagtynda köp üns berilýär.

Möwsümleýin temany örän operatiw beýan etmeli. Eger şeýdilmese, žurnalistiň biabraý bolýan halatlary az bolmaýar. Mysallara ýüzleneliň. 70-nji ýyllarda etraplaryň biriniň daýhan birleşiginde gowaça bejergisiniň ýagdaýyna reýd guralypdy.Hojalykda gowaça bejergisiniň ýagdaýy örän ýaramazdy. Gowaçany haşal otlar basypdyr. Ösümlikleriň hatar arasy kultiwatorlanylmandyr. Žurnalist hojalykda bolanda şu faktlary belläp alýar. Ol redaksiýa gelensoňam, materialy ýazmaga howlukmaýar.

Emma žurnalistiň baran hojalygy rejäň oňat däldigini aňyp, ähli tehnikany, adam güýjüni gowaça bejergisine gönükdirip, 1-2 günüň içinde gowaça kartalaryndaky hapa-haşal otlar aýyrtdyrylýar, ösümlikleriň hatar arasy kultiwatorlanylýar. Bir tarapdan redaksiýanyň täsiri bilen gowaça bejergisindäki kemçilik düzedilýär. Bu gowy zat. Emma „Gorkan öňürder edip“, žurnalistiň makalasy çykan badyna, „Žurnalist gowaça bejergisiniň erbetdigi barada ýalan maglumatlary aldy. Gelip görüň: gowaça atyzlarynda hapa-haşal otlar ýok, hemme ýerem kultiwatorlanylan diýen mazmundaky hatlar redaksiýadan başga-da, etraba, welaýata-da iberilýär. Hat boýunça şol hojayga barlyp görülse, dogrudanam gowaça hapa-haşal otlardan arassalanypdyr, ösümlikleriň hatar arasy kultiwatorlanylypdyr.

Kim günäkär? Elbetde, bu ýerde žurnalist günäkär bolup galyberýär. Eger-de ol şol hojalykdan alan maglumaty esasynda materialy operatiw ýazyp wagtynda çap etdiren bolsa-dy onda ol bu ýagdaýa düşmezdi. Möwsümleýin temadan ýazylan materialy örän operatiw çap etdirmeli. Bolmasa faktlar könelýär. Ýa-da ýokarda beýan eden wakamyza duçar bolunýar.

Eýsem, temanyň wajyplygy nämeden ybarat. Ol esasan döwrüň öňe süren meselesine, okyjynyň islegine seslenmekdir. Okyjynyň islegi duşuşyklar geçirilmegi, sosiologik barlaglar esasynda öwrenilýär. Şeýlelikde, okyjylaryň göwnünden turaýjak, islegini ödäýjek temalar ýüze çykýar.

Adamlara täsir edäýjek temalar hakyky durmuşy öwrenilende tapylýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň ýanwarynda ýurdumyzyň

döredijilik işgärleri bilen geçiren duşuşygynda eden çykyşynda: „Siziň taýýarlaýan gepleşikleriňizde halkymyzyň hakyky durmuşy, ýaşaýşy, dem alşy asla duýlanok. Şonuň üçin hem siziň teleradiogepleşikleriňiz, dogrumy aýtsam, adamlara täsirem edenok. Il-günüň ýaşaýyş durmuşy bilen baglanyşykly gepleşikler taýýarlanylanda, žurnalistler adamlaryň gazanýan üstünlikleri, olaryň iş aladalary, gün-güzarany barada ýerlikli gürrüňleri gozgamagy başarardylar. Şeýle gepleşikler gazanylýan netijäni bererdi we köpçüligiň göwnünden turup bilerdi“ diýip, žurnalistlere ýüzlenip aýtdy. (Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. 44 sah.)

Hormatly Prezidentimiz žurnalistlere tema salgy berýär. Halkyň durmuşyndan alnan tema boýunça makala ýazylanda, teleradio gepleşikleri guralanda gyzykly çykjakdygy, adamlaryň göwnünden turjakdygy ikuçsuzdyr.

## Material taýýarlanyljak obýektiň kesgitlenilmegi

Ýazjak temaňy saýlanyňdan soň, materialy nireden taýýarlajakdygyňy-da kesgitlemeli. Ussatlyk material taýýarlanyljak obýektiň saýlanylyşyna-da baglydyr. Çünki şol bir tema dürli obýektde hem bolup biler.

Obýektler dürli hilli bolýar:

1. Ýakynlygy, daşlygy.
2. Çylşyrymlylygy, ýönekeýligi.

Tema alan žurnalist ilkinji nobatda material üçin fakt aljak obýekti hakynda pikirlenýär. Obýekt kän gaýtalanmadyk, häzire çenli kän mälim bolmadyk obýekt bolsa ýagşy. Şol bir hojalykdan, şol bir adamdan fakt alnyp, material näçe ussatlyk bilen ýazylsa-da, nähili gepleşik guralsa-da, barybir özüne çekmeýär, gyzykly çykmaýar. Sebäbi şol bir gaýtalanýan sanlardyr faktlar okyjyny-da, teletomaşaçyny-da irizýär, üýtgeşik wakany-da görmeýär.

Şonuň üçin gazet-žurnal üçin materialyň, teleradio üçin gepleşigiň gyzykly, täsirli çykmagyny isleseň häzire çenli kän gaýtalanmadyk obýekti saýlap almaly.

Obýektiň ýakynlygy ýa daşlygy-da taýýarlanyljak materiala täsir edip biler. Ýakyn obýekt material ýazmak üçin häli-şindi barlyp ýörlen ýerler bolýar. Ýazylyp-ýazylyp leji çykan obýekt bolansoň, gaýtalanmadyk üýtgeşik wakany ýa gyzykly epizody eşidäýmek çetin. Onsuzam näçe ussat žurnalist bolsaňam, gyzykly material ýazyp bolanok.

Eger-de daşdaky obýekte gidip, fakt alnanda, şol ýerden gyzykly sanlardyr faktlardan başga, häzire çenli eşidilmedik wakalaryň hem şaýady bolýarsyň. Häzire çenli tanalmadyk, üýtgeşik adamlaryň gürrüňleri-de saňa täsir edýär.

Häzire çenli kän mälim bolmadyk, gyzykly sanlardyr faktlar,wakalar esasynda žurnalist gyzykly materiallary ýazýar, täsirli teleradiogepleşikleri guraýar.

Fakt alynjak adamlaryň çylşyrymlylygy ýa-da ýönekeýligi, şol adamlara çemeleşmek žurnalistiň başarjaňlygyna, ussatlyk derejesine bagly. Alymlar, döredijilik işgärleri köplenç häsiýeti boýunça çylşyrymlydyrlar. Olar bilen gepleşmek, gürrüň berdirmek, fakt almak kynrak düşýär. Şeýle adamlardan fakt almaga ilkibaşda özüňi taýýarlamaly. Bilim derejäňe, aň-düşünjäňe göz ýetirmeli. Ukybyňy barlamaly. Çylşyrymly häsiýetli adamlar fakt alyp oturan gürrüňdeşine, eger-de göwni ýetmese, gürrüňi alyşmasa, geplemesini goýup oturyberýär. Şeýle adamlar bilen gürrüňdeş bolmaga ussatlyk derejesi, aň-düşünjesi ýetik bolan žurnalistler gerek. Dogry, hemme alymlaram, döredijilik işgärlerem deň däl. Olaryň arasynda kiçigöwünlileri, sadalary hem bar. Ýaş žurnalist özüniň ukybyna görä, şeýle adamlary saýlap alyp, şol adamlar bilen gürrüňdeş bolmaly. Diňe şonda gyzykly faktlary, täsirli wakalary eşidip biler.

Obýektiň ýönekeý görnüşi, ol esasan daýhanlara, çopanlara, işçilere, gurluşykçylara, talyplara degişlidir. Obýektiň bu görnüşine degişli adamlardan fakt almak aňsat. Olar bilýänje zatlaryny aýdyp bererler. Emma žurnalisti oýlandyrýan, täsirli wakalary gürrüň bermäge welin duran ýeridir. Sebäbi olarda ýeterlik ylym-bilim, tejribe ýok. Şu zatlaryň içinden geçmedik adam täsin wakalaryň şaýady bolan däldir. Görmedik, eşitmedik wakasyny hem aýdyp bilmez.

Şeýlelikde, ýaş žurnalist material ýazmak üçin fakt almaga gitmezinden ozal, obýektini saýlamagy başarmaly. Haçan-da, ukybyna görä obýekti saýlap almagy başaranda, faktlary almagyň gyzykly wakalary diňlemegiň hötdesinden geler. Gyzykly faktlar, täsin wakalar ýazyljak materialyň, taýýarlanyljak teleradio gepleşiginiň ilkinji çeşmesidir.

## Fakt alnyşy

Fakt diýmeklik – hakyky bolan waka, hadysa, subutnama, delil diýmekdir. Ol materialyň ýa gepleşigiň süňňüni düzýär. Faktsyz material-da, gepleşikde ýazyp bolmaýar. Şonuň üçin žurnaliste ilkinji nobatda fakt gerek. Eger-de žurnalist fakt almany başarsa, materialy-da oňat ýazyp biler. Žurnalistikanyň hemme žanry üçin birmeňzeş fakt gerek bolmaýar. Her bir žanr üçin aýratynlykda fakt gerek bolýar.

Žurnalist fakt almakda tehniki serişdelerden peýdalanýar. Žurnalist esasan bloknot, galam (ruçka), diktafon, reportýor, kompýuter, telefon, telekamera ýaly serişdeleri ulanýar.

**Bloknot** – kagyzy ýyrtylyp aýrylýan ýazuw depderçesi diýmekdir. Ol her bir žurnaliste zerur gerekli zatdyr. Oňa ýandepderçe hem diýilýär. Žurnalist ony ýanyndan aýyrmaýar. Işde, ýolda-yzda elinden üýtgeşik sözüni, nakyly ýazyp alýar.

Bloknot iň ygtybarly serişde. Faktlary, sanlary düşnükli edip, howlukman ýazyp bolýar. Bloknota esasan-da familiýalary, sanlary düşnükli edip ýazmaly. Merkezi gazetleriň redaksiýalarynda işleýän tejribeli žurnalistler ýurdumyzyň etraplarynyň hersine aýratyn bloknot tutýar. Onsoň şol bloknody aýawly saklap, ondan soňky ýyllarda-da peýdalanýar.

Şu setirleriň awtorlarynyň biri Balkan welaýatynyň Bereket etrabyna komandirowka gidende, şol etraba degişli bloknodyny hem ýany bilen äkidýär. Etrabyň tanymal çopanlarynyň biriniňkide myhman bolýar. Bloknodyny açyp seretse, şol çopanyň goşunda ozal hem bolan ekeni. Ozal belläp alan faktlaryny gözden geçirip başlaýar. Çopanyň 12 sany çagasy bolan. Žurnalistiň haýyşy boýunça çopan çagalarynyň atlaryny sanap ugraýar. 6-7-ä ýetýär welin duruberýär, galanlarynyň ady ýadyna düşenok. Onsoň ol ho-ol aňyrrakda biş-düş bilen garabaşyna gaý bolup turan aýalyny kömege çagyrýar:

- Keýwany, gelsene bäri, 6-njy, 7-nji gölämiziň ady nämediräý!

Aýalygelýänçä, bloknodymdaky sanaw boýunça çagalaryň atlaryny okadym.

Çopan geňgalyjylyk bilen ýylgyrdy-da:

- Bolýar, keýwany, gelmeseňem bolýar. Men bilmesemem bu habarçy bilýär ekeni – diýdi. Yzyndanam çagalarynyň atlaryny bilmändigine sebäp agtaryp başlady. – Köplenç çölde bolýan. Onsoň çagalaryň arasynda seýrek bolamsoň, hemmesiniň ady ýadyma düşenogam.

Bloknoda sanlardyr familiýalardan başga, çopan durmuşyna ýa bolmasa ekerançynyň  durmuşyna degişli gyzykly wakalary-da belläp alýaryn. Belläp alan şol gyzykly wakalarymyň käbirini soňky ýyllarda oçerk ýazanymda peýdalandym.

Gahrymanyň bilen gürrüňdeş bolanyňda diktafon ulanmak gowy zat. Diktafon çylşyrymly mehanizm. Ätiýaçlygy elden bermän, diktafonyň ýany bilen bloknoda hem ýetişibildigimden belleýärin. Çünki bloknot örän ygtybarly serişde. Ýöne bloknotdaky ýazgylary her 3-4 ýyldan seljermeli, dogrudygyna göz ýetirmeli. Bolmasa bloknotdaky ýazgylaryň soňra ýüzüňi gyzardýan mahallaram bolaýýar.

. . . Merkezi gazetleriň redaksiýalarynyň birinde işleýärkäm, gazetiň ertirki sanyna bir sagymçynyň çykyşyny gyssagly bermeli boldy. Alysdaky welaýatdaky habarçymyza jaň edip, sagymçynyň çykyşyny telefon bilen gyssagly bermegini haýyş etdim. Habarçy gyssagarada sagymçyny nireden tapsyn. Etraplara gidip-geleýin diýse, wagt ýok. Redaksiýada garaşyp otyrlar. Gazetiň ertirki sanynda çykmaly çykyşy şu gün bermeli.

Onsoň welaýat habarçysy nalaç bloknodyna ýapyşýar. Mundan 5-6 ýyl ozal sagymçy barada belläp alan ýazgylaryna göz gezdirip, çykyşy telefon bilen berdi. “Günde 6-7 litr süýt alýaryn. Ýylyň dowamynda 3000 litrden gowrak süýt alaryn,, diýen ýaly sözler bilen gaşlanýan çykyş ertesi gün gazetde ýalpyldap çykdy.

2-3 gün geçensoň, redaksiýa şol “sagymçy,, barada gelýän hatlaryň sany köpelip redaksiýa ýalan material çap etmekde aýyplanyldy. Görlüp oturylsa, welaýat habarçysynyň  “sagymçysy,, mundan 3-4 ýyl ozal etrapdaky kerpiç zawodyna işe geçen ekeni.

Bloknotdaky ýazgylary mahal-mahal seljermeseň, ol ygtybarly serişde bolup bilmeýär.

**Galam** (ruçka) – žurnalistiň esasy „ýaragy“. Galam edebi döredijilikde göçme manyda getirilýär. Ýöne kämahal galam bilen ýazýan žurnalistler, ýazyjylar hem bar. Mydama ruçka bilen ýazyp ýörmeklik döredijilik işgärlerini irizýän bolmagy mümkin. Olaryň haýsysam (galam ýa ruçka) bolsa birini žurnalist ýanyndan aýyrmaly däl. Fakt belläp aljak bolanda, „Ruçkaň ýokmy?“ diýip durmak žurnaliste gelşikli däl.

**Diktafon**. Bu latyn sözi bolup, sesi ýazyp alýan guraldyr. Soňra ony ses gataldyjy guralyň (gromkogoworitel) kömegi bilen diňläp bolýar. Diktafon stenografistiň işini ýerine ýetirýär.

Daşary ýurtlarda öndürilýän diktafonlar soňky ýyllarda has-da köp ulanylýar. Bu tehniki serişdäniň tapawutly aýratynlygy bar. Gürrüň berýän adamyň gepleýişini bolşy ýaly ýazyp alyp, çeper oçerk ýa zarisowka ýazmakda peýdalanyp bolýar. Gahrymanlaryň sözleýiş stilini tapawutlandyryp bolýar. Daşoguz şäherinden Aşyk Aýdyň piriň ýadygärligine, ondan bärik ýene Daşoguz şäherine çenli welaýat boýunça abraýly söwda işgäriniň başdan geçirenlerini diktafona ýazyp aldym we “Halkym-arkadagym„ diýen dokumental powesti döretdim.

Diktafon uly göwrümli dokumental eserleri ýazmak üçin fakt almakda örän peýdaly. Emma žurnalistikanyň beýleki žanrlary üçin fakt almakda ýene-de bloknot ygtybarly bolup durýar. Syn edýän bolsaňyz, daşary ýurtly žurnalistler bilen geçirilýän metbugat konferensiýasynda diktafony ulanýanlaram kän welin, blokndyny çykaryp, ýetişibildiginden ýazyp oturanlaram az däl.

**Reportýor**. Ol iňlis sözi bolup, bolup geçen wakalar barada habar berýän gazet-žurnal, radio, kino, telewideniýe işgäri diýen manyny berýär. Ýöne welin köplenç radio işgäriniň ses ýazýan apparatyna („Žurnalist reportýoryny işledip başlady“ we ş.m.sözler) hem reportýor diýilýär. Waka barada gürrüň berýän adamyň sesini ýazyp almakda reportýoryň hyzmaty uly.

**Kompýuter**. Köp bolmasa-da, azda-kände waka baradaky waka baradaky gürrüň bilen kompýuteriň üsti bilenem tanyş bolup bolýar. Kompýuter elektron habar beriş serişdesi hökmünde özünde ýazgylary saklaýar. Waka baradaky gürrüň DVD-niň üsti bilen kompýuterde görkezilýär.

**Telekamera**. Gürrüň ýa-da waka telekamera düşürilensoň, ony ekranda ýa-da telewizorda şekilde görüp hem diňläp bolýar. Telekamera elektron habar beriş serişdesi hökmünde soňky döwürde giňden ýaýrady.

**Telefon**. Tehniki serişdeleriň elýeterli hem ýönekeý görnüşleriniň biri. Ol esasan maglumat bermekde hem-de maglumat almakda giňden ulanylýar.

Tehniki serişdeleriň bu görnüşleri žurnalistiň ýardamçysydyr hem kömekçisidir.

## Žurnalistiň etikasy

Žurnalist intelligensiýanyň wekili hökmünde fakt alanda kada-kanuny saklamalydyr.

**Birinjiden**, ol egin-eşigine üns bermeli. Eşigi arassa hem ütüklenilen, köwşi arassalanylan bolmaly. Gürrüňdeş boljak bolýan adamy eşigine seredip, žurnaliste öz ýanyndan baha berýär. Adamyň daşky medeniýeti onuň içki medeniýetini görkezýär. Welaýat möçberinde uly wezipede işlän bir adam bilen gürrüňdeş bolanymda "Menem ýaşlykda žurnalist bolaýsam diýip arzuw ederdim. Emma 2-3 sany žurnalistiň eşik geýşini görüp, başdaky arzuwymdan el çekip, başga käre baş urdum,, diýip, gürrüň bereni ýadymda.

Egin-eşik adamyň içki hem daşky medeniýetini görkezýär.

**Ikinjiden**, žurnalist hemme ýerde özüniň medeniýetliligini görkezmeli. Telefonda gepleşende ýa-da fakt aljak bolýan adamsynyň ýanyna baranda, salamlaşmagyň, oturmagyň-turmagyň ähli düzgünini berjaý etmelidir. Fakt berjek bolýan adamyň ynamyna girip bilmeseň, işiň şowuna bolmaz, Alçakmy ýa dymma, göwnüni tapyp fakt almaly.

Fakt alanyňda diňlemäni başar. Gürrüňiniň arasyny bölme. Sowal üstüne sowal berip, gaharyny getirme. Gürrüňi yzygiderli alyp gitmäni başar. Gürrüňiň arasyna başga gürrüňi sokup, esasy gürrüňden ünsüni sowma.

**Üçünjiden**, fakt alyp bolanyňdan soň, medeniýetlilik bilen hoşlaşmaly, minnetdarlyk bildirmeli.

Biziň bu ýokarda belläp geçenlerimiz žurnalistiň etikasynyň käbir görnüşi, ilkinji nobatda berjaý ediläýmeli düzgünleri, kadalary.

Faktlary nähili öwrenmeli

Faktlary dürli çeşmelerden öwrenip bolýar. Ol çeşmeleriň ilkinjisi adamdyr.

Žurnalist saýlap alan temasyna laýyklykda degişli adam bilen duşuşýar. Alnyp barylýan işler barada gürrüň bermegini haýyş edýär. Onuň gürrüňi esasynda bloknodyna (şunuň ýaly gürrüňdeşlikde bloknot ulanylsa oňat bolýar) faktlary, sanlary, adam atlaryny ýazyp alýar.

Eger gürrüň pagtaçy-kärendeçi hakynda gidýän bolsa, gektar sanyny, jemi näçe tonna pagta aljakdygyny belleýär. Şu ýerde kärendeçiniň geçen ýylda gazanan netijesini bellemegem unutmaly däl. Sebäbi kärendeçiniň ýylba-ýyl ösüş depginini görkezmekde şeýle sanlardyr faktlar gerek bolýar.

Kärendeçiniň üstünligini daýhan birleşigi bilen baglanyşdyrmak üçin hojalyk boýunça gazanylýan netijäni-de ýazyp almaly.

Žurnalistleriň tejribesinden mälim bolşuna görä, islendik kärdäki adam (isle ol entek öwreniji bolsun ýa örän tejribeli adam bolsun tapawudy ýok) bloknotdan, mikrofondan, hasam telekameradan birbada çekinýär. Aýtjak sözüni yzygiderli aýdyp bilmän aljyraýar. Bolmasa Ata Gowşudowdan güýçli ýazyjy azdyr. Käbir maglumatlara görä, ol hem radioda ýekeje gezek çykyş edipdir. Ýene-de bir mysal. Mämmetdurdy Annagurdow tejribeli metbugatçy, pedagog, alym adam. Emma ol hem çykyş etmek

üçin telewideniýä näçe çagyrylsa-da barmandyr. Diňe şu setirleriň awtorlarynyň biri geçen asyryň 1990-njy ýylynda kynlyk bilen telestudiýa çagyrmagy başardy we onuň bilen iki günüň içinde bir sagatlyk interwýu gurady.

Şonuň üçin tejribäniň görkezişi ýaly, fakt alnanda bloknot somladylmasa, birbada mikrofon görkezilmese, (häzirki ýaşlaryň köpüsi mikrofony tutýar-da, „Özüňizi tanyşdyryň-da, söze başlaberiň“ diýýär) özüniň oňat netijesini berýär.

Tejribeli žurnalist bloknotyny çykarman gürrüňdeşini üns berip diňleýär. Sanlary we faktlary ýadynda saklamaga çalyşýar. Ara böwşeňlik düşende, ol sanlary gürrüňdeşine bildirmän bloknodyna belleýär. Bolmasa ähli sanlardyr faktlary uzak wagtlap ýatda saklamak mümkin däl.

Özara gürrüňdeşlik ýene dowam etdirilip, soňunda žurnalist bloknotyndaky sanlary kärendeçä okap berip, ýene bir gezek anyklaýar.

San meselesinde kärendeçiniň hem ýalňyşmagy mümkin. Şonuň üçin daýhan birleşigi boýunça netijeleri ýazyp bolmaga edara gidende, hasaphanada kärendeçiniň beren maglumatlaryny hem anyklap, şolaryň dogrudygyna göz ýetirýär.

Umuman, material ýa gepleşik üçin alnan maglumatlary anyklamaga ýaltanmaly däl. Ýalňyş maglumat çap bolansoň ýa efire gidensoň, soňra ony düzedip bolmaýar.

Özara iki-çäk gürrüňi resmi häsiýetde däl-de, ýoldaşyň bilen edýän gürrüň hökmünde alyp barmaly. Haçan-da, žurnalist gürrüňdeşiniň ynamyna girende, mesaýy gürrüň köp faktlaryň, wakalaryň üstüni açýar. Žurnalist material ýazmak üçin ýeterlik maglumat toplaýar.

Žurnalist özara söhbetdeşlikde gürrüňdeşini üns berip diňläp, mylaýymlyk bilen sowal-jogap alyşýar. Bilnip duran zady soramaýar, gürrüňdeşini gyssamaýar. Fakt başga adam goşulmazdan, iki-çäklikde alynmaly. Žurnalistden başga ýene adam gatnaşsa, gürrüňdeşiň aýtjak zadyny aýdyp bilmeýär.

Žurnalist köpçüligiň arasynda gürrüňdeşinden (köpçüligiň arasynda aslynda-ha fakt almaly däl) fakt almaly bolaýanda-da, özüňi alyp barmagyň kada-kanuny saklamaly. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda Türkmengala etrabynyň merkezinde sazanda Durdy Myradyň 90 ýyllygy bellenilýärdi. Märeke köpdi. Gara öýüň töründe etrabyň häkimi, Angliýadan sazyň muşdagy bolup gelen myhmandan başga-da, Aşgabatdan gelen myhmanlar-da bardy. Öýüň ojak ýerinde haly ýazylyp, töre bakdyrylyp oturdylan etrap bagşylary gezekleşip saz çalýardylar, aýdym aýdýardylar. Aýdym-saz gyzygypdy. Etrabyň ýaş žurnalisti makala üçin fakt aljak bahanasy bilen häkimiň gapdalynda ornaşypdyr.

Ol aýdym-saz tamamlanýar welin, uly bloknotyny açyp, ruçkasyny hem çommaldyp, “Ýaňky aýdymyň ady näme, sazyň ady näme?„ diýip, häkimden soraýar. Häkimem il içinde medeniýetliligini saklajak bolup, ýaş habarçynyň sowalyna islese-islemese jogap berýär. Bolmasa aýdylyp durlan aýdymyň, çalnyp duran sazyň ady belli ahyryn. Ony hiç kimden soramak gerek däldi. Ýaş žurnalist ýürege-bagra düşensoň, ýuwaşlyk bilen daşaryk çykarylyp, öýlerine ugradyldy.

Munuň özi ýaş žurnalistiň köpçülikde özüni alyp barmanyň kadasyny bilmeýändigini görkezýär.

Gürrüňdeşiň bilen iki-çäk oturylyp alnan sanlar, faktlar esasan makala, korrespondensiýa ýaly žanrlar boýunça ýazmakda peýdalanylýar.

Emma fakt almakda resminamalar, gazet-žurnal materiallary, kitaplar, kino sungaty, dürli ýatlamalar, telewideniýe, radio, gürrüňler hem esasy çeşme bolup hyzmat edýär.

Fakt almakda žurnalistiň synçylygy, gözegçiligi uly ähmiýete eýedir. Umuman žurnalist döredijilik işgäri hökmünde beýleki adamlardan tapawutlanýar. Ol beýleki adamlaryň entek görmedik, duýmadyk zadyny görýär. Şeýdibem täze habarlar ýazylýar.

Žurnalistika hünäriniň talyplarynda synçylygy ösdürmek maksady bilen mahal-mahal olary Aşgabat şäherindäki guramalara-edaralara aýlaýarys. Bir sapar žurnalistler topary bilen öňünden hiç zat aýtmazdan-diýmezden, sergi köşgüniň 1-nji, 2-nji gatyna aýlandyk-da, ýene okuw mekdebimize geldik. Olara 1-nji hem 2-nji gatda gören zatlaryny ýazmaklaryny soradyk. Talyplar aňk-taňk bolşup, biri-biriniň ýüzüne seredişip otyrlar. Olar beýle bolar öýdüp oslaman ekenler. 10 adamdan ybarat toparyň içinden diňe 2-3 sanysy sergi köşgüniň içindäki zatlaryň ýerleşişini synlan ekenler. Şol talyplar hem synçylygyndan peýdalanyp, görenje zatlaryny beýan etmegi başardylar.

Synçylyk, gözegçilik, zarisowka, reportaž, oçerk ýaly žanrlardan materiallar ýazylanda has-da peýdaly. Waka tebigat gözelligi, howa ýagdaýy, adamyň daşky keşbi bilen baglanyşdyrylyp beýan edilende, okyjyny-da, teletomaşaçyny-da,diňleýjini-de özüne çekýär.

Dürli häsiýetli adamlar bolýar. Käbiri dymma bolsa, käbiri alçaksyrasa-da yzygiderli gürrüň berip bilenok. Nähili bolanda-da, ýaş žurnalist çykalga tapyp, fakt almagy başarmaly we redaksiýa tarapyndan berlen tabşyrygy ýerine ýetirmeli.

Fakt žurnalistikanyň özenidir. Umuman, fakt näme? Näme ýaşap, näme hereket edip ýören bolsa şol faktdyr. Tema hem fakt, materialyň ideasy hem formasy bilelikde çözülýär. Şonuň üçin materialyň ähmiýeti-de onuň mazmunyndan, temasyndan, galyberse-de aktuallygyndan (wajyplygynda) ybaratdyr.

Ýaş žurnalist döredijilik işi bilen meşgullanyp başlaýan döwründe, esasan „barlagdan“ geçen faktlary (sanlary) peýdalanmalydyr. Ýekeje material ýazmak üçinem köp sanly fakt toplanylýar. Sanlardyr faktlaryň köp ýygnalmagy gowy zat. Ýöne şol faktlardan saýlap almagy başarmaly. Faktlaryň yzygiderliligine, logikasyna, ideasyna üns berilýär.

Žurnalist material ýazjak bolanynda ýekeje faktdan, köp sanly fakta çenli ýol geçip, olary öwrenýär. Umumy sözlerden, umumy faktlardan daşlaşyp, anyk fakty saýlap alýar. Sebäbi anyk fakt okyja ýakyndyr. Ol anyk fakt esasynda-da material ýazyp başlaýar. Sebäbi umumy fakt „umumy gürrüň“ okyja hiç zat bermeýär, täsir hem etmeýär, ýatda-da galmaýar. Saýlanylyp alnan faktlary tertipleşdirip, materialyň girişinde olaryň ähmiýetini soňunda hem netije çykarmaly.

## Materiallarda sýužet hem kompozisiýa

Sýužet meselesinde gazet žurnallary edebi žanrlarda tapawutlanýar. Gazetiň käbir žanrynda, meselem, habar žanrynda sýužet ýok. Emma reportaž, makala, oçerk ýaly žanrlarda sýužety bardyr.

Sýužet žurnalistikada häsiýetiň, adam aragatnaşyklarynyň, wakalaryň taryhy bolman, eýsem aktual jemgyýetçilik meseleleriň-de taryhydyr. Sýužet sosial maksatlar sebäpli gurulýar. Oňa öňde goýlan maksadyň jemi hökmünde garalýar.

Sýužet teležurnalistika-da hem bir tipli däldir. Dokumental esasy bir bolup, sýužet gurluşygy dürlidir. Telemateriallar bir maksada- waka, sosial häsiýetli meselelere syrykdyrylýar. Şonuň üçin hem teležurnalistiň çykyşynda dürli sýužetler bolýar.

Metbugatda, teleradiožurnalistikada häsiýetiň üsti bilen meseleler açylýar. Wakada adamlaryň häsiýeti ýüze çykýar. Şeýlelikde, meseleler hem wakada anyklanylýar.

Waka esasy bolup, ol köp ýaýran sýužetleriň biridir. Ol esasan-da metbugat oçerkinden, reportažyndan başga-da, teleradio oçerkinde teleradioreportažynda hem ulanylýar. Materiallaryň sýužetinde adamlaryň dokumental häsiýeti açylýar. Adamyň anyk häsiýeti, merdi-merdanalygy berilýär.

Goşmaça sýužet oçerkde ýok. Wakanyň ösüşi, faktlaryň öwrenilmegi wakanyň kulminasiýasy meseläniň çözgüdine getirýär.

Sýužeti eýsem, näme hereket getirýär. Sýužeti herekete getirýän güýç konfiliktdir (garşylykdyr). Sýužet şonuň töwereginde gurulýar.

Garşylyk syýasy – jemgyýetçilik mazmunly materiallarda bolmaýar. Garşylyklaýyn wagyz ediji häsiýetli metbugat, teleradiomateriallarynda garşylyk bardyr.

## Žurnalistikada konflikt meselesi

Konflikt (garşylyk) publitistikada, oçerkde, reportažda getirilýär. Ol žurnalistiň ussatlyk kategoriýasy hökmünde ulanylýar.

Konflikt-biri-birine garşylyklaýyn iki güýjüň çaknyşmagydyr. Emma konflikt adamzat gatnaşyklarynyň bähbidi üçindir. Şahsyýetiň ösmeginde-de, jemgyýetde-de, duşmançylykly däl, garşylyklaryň bir topary bolup biler. Habar beriş serişdeleri duşmançylykly däl şol garşylyklary beýan edýär.

Duşmançylykly däl garşylyklar ýurduň ykdysadyýetine, sosial, ruhy durmuşynda-da bolup durýar. Emma şol garşylyklaryň aňyrsynda bähbit ýatyr. Bähbit döwletiň, halk köpçüliginiň, galyberse-de şahsyň bähbidi üçindir. Durmuşdaky, jemgyýetdäki garşylygy öz ýazýan materiallarynyň üsti bilen žurnalist çözmeli bolýar. Ýüki žurnalistiň özi çekýär. Emma tebigat bilen adamyň arasyndaky garşylyk (ýagyş, ýe, ýer yranma we ş. m.) tebigatyň döreden kynçylygydyr. Şonuň ýaly kynçylygy

žurnalistiň perosynyň güýji bilen däl-de, adamzadyň pähim-paýhasly hereketi bilen çözüp bolýar.

Ilki bilen adamlaryñ arasyndaky, jemgyýetdäki garşylygy näme džredýändigine düşünmeli. Sebäbini öwrenmeli. Öwrenmek üçin žurnalistiñ ylymly-bilimli bolmagy hökmany şertdir. Žurnalist syýasatdan jemgyýeti öwrenişiñ kada-kanunlaryndan, mahlasy ähli ylym-bilimden habarly bolmaly. Sebäbi ol materiallarynda garşylygyñ çözülişini özüniñ giñ gözýetimine, alan ylym-bilimine daýanyp beýan edýär.

Garşylyk döwre görä üýtgäp durýar. Her döwür özboluşly garşylygam döretdi. Meselem, 30-njy ýyllarda börükdir ýaşmaga garşylyk döredýän köne galyndy hökmünde garaldy. 40-50-nji ýyllarda oraza tutmaklyk, gurban baýramy garşylyk döredýän zyýanly däp-dessurlar hökmünde ýazgaryldy. Garşylyklary (kynçylyklary) ýeñip geçmäge partiýa kamsomol öñ hatardaky awargand hökmünde çagyryldy. Döwre görä konfiliktlerem (garşylyklaram) döredildi, şolaryñ döwre görä çözülişem boldy. Habar beriş serişdeleriniñ materiallarynda-da konfliktleriñ döredilişme, çözülişem döwre görä boldy.

## Publisistik döredijiligiñ aýratynlygy

Döredijilikde intuisiýa (basymy “u„ harpyndan soñ “ i „ harpyna bermeli) diýlen zat bar. Intuisiýa latyn sözi bolup duýgurlyk, añyjylyk, düşbilik diýen manyny berýär. Filosofiýada logiki akyl ýetirmezden hakykata ýetmeklik düşünjesini añladýar.

Intuisiýa çeper döredijilikde uly rol oýnaýar. Ol awtoryñ subýektiw garaýşydyr. Ýazyjy ýa žurnalist ýazyp oturan uly göwrümli eseriniñ soñky sahypalarynda nähili wakanyñ boljakdygyndan bihabar.

Tejribeli žurnalist publisistik eseriñ işlenilişini üç döwre bölýär:

Birinji döwür: fakt toplanylýan döwri.

Ikinji döwür: eseriñ üstünde oýlanylýan döwür.

Üçünji döwür: eseri ýazmak döwür.

Fakt toplanylýan döwürde ýazyljak eseriñ ideasy, sýužeti nähili boljakdygy göz öñüne gelmeýär. Ikinji döwür iñ kyn döwür bolup, onda eseriñ sýužetiniñ nähili boljakdygy barada oýlanylýar.

Üçünji döwürde ýagny eseriñ ýazylyp başlanan döwründe gahrymanyñ häsiýetide açylyp başlanýar. Saýlap alan faktlaryñ, wakalaryñ çözülmeli meseleleri salgy berýär.

Publisistik eser, umuman iki usulda ýazylýar:

Birinjisi, žurnalistiñ intuisiýasy bilen saýlanyp alnan tema boýunça. Bu usulda žurnalist howlukman höwes bilen ýazýar. Eser gyzykly hem çykýar.

Ikinjisi, redaksiýanyñ tabşyrygy boýunça ýazylýan publisistik eser. Bu usulda žurnalist salgy bilen temada göwnese-göwnemese ýazmaly bolýar. Ýazylmaly eseriñ

möçberi, möhleti kesgitlenip berlensoñ, žurnalist howlugyp ýazýar. Netijede eser guraksy çykýar.

Publisistik eser ýazmak köp zähmeti talap edýär. Durşy bilen beýni zähmeti. Käriñe söýgi bolmasa bu işe ýapyşmak çetindir. Oýlanyp, her bir epizodyñ, detalyñ, ýerini tapmaly. Sýužeti düzmeli.

Žurnalist mydama oý pikirde bolýar. Maryetta Şaginýanyñ ýazyşy ýaly, „Eger temaña yhlas bilen ýapyşsañ: gazeti açsañam, ýoldaşyña duşsañam, kino gitseñem temaña meñzeşligi görýärsiñ“. Žurnalist pikirlenip ýörşine içki jemleme prosesini başdan geçirýär. Içki jemleme hem döredijiligiñ esasydyr.

Lew Tolstoý döredijilik işgärlerine şeýle maslahat beripdir:

Birinjisi, ýüz ugra ýazmak. Ikinjisi, göçürmek we artykmajyny aýyrmak. Üçünjisi, many dogrulygyna üns bermek. Lew Tolstoý eseriñ mazmuny gowulanansoñ, stilistikasyna üns beripdir. Onuñ „Hajymyrat“ powestiniñ 6 sany nusgasy bolup, şonuñ 6-njysynda stilistika düzedilipdir.

Umuman, ýazylan golýazmany täzeden göçürmek, onda telim sapar göçürmek kyn zähmet. Emma ýaltanmaly däl. Golýazmany göçürdigiñçe, eser kämilleşýär. Şuny ýaş žurnalistler ýatda saklamalydyrlar.

## Žurnalistikanyñ käbir žanrlary hakynda

Metbugat üçin material ýa teleradio üçin gepleşik taýýarlamak maksady bilen fakt almazdan ozal, haýsy žanrda işlejekdigiñi kesgitlemeli. Sebäbi her bir žanryñ özboluşly aýratynlygy bolup, şoña görä fakt toplamaly bolýar. Žurnalistikanyñ gazet-žurnal, teleradio žanrlary, olaryñ özara aýratynlyklary barada „Žurnalistikanyñ žanrlary“ (Aşgabat, 2010) okuw gollanmasynda birin-birin çintgelenip ýazylan soñ olar barada durup geçmän, käbir žanryñ aýratynlygy hakda gysgajyk aýdyp geçmegi makul bildik.

Publisistiki žanrlarda derñewiñ elementleri bar. Faktlary, wakany, sanlary kommentirleýär, baha berýär. **Korrespondensiýa** – netije çykarmak, jemlemek üçin ulanylýar.Beýleki žanrlardan tapawudy gysga jemleýär, derñewiñ obýekti bir ýa iki faktdyr. Bu žanry ýerlere çykarman, oturan ýeriñde ýazyp bolmaýar. Ol ýerlerde bolunyp, faktlar oñat öwrenilip ýazylýar. Korrespondensiýa žanryna operatiwlik, temanyñ anyklygy, salgynyñ aýdyñlygy mahsusdyr.

Korrespondensiýa žanrynda faktlary beýan etmekden başga, awtoryñ azda-kände pikiri-de getirlýär.Waka doly açylyp görkezilýär, gahrymanlar häsiýetlendirilýär. Awtoryñ faktlara ýa hadysalara gatnaşygy, garaýşy berilýär. Bu žanrdaky materiallarda makalalardaky ýaly umumy oýlanmalar ýazylmaýar. Egerde makalada hemme faktlar alynsa şolaryñ jemi jemlenilse, korrespondensiýada faktlaryñ diñe bölegi berilýär. Awtor öz gözi bilen gören faktyny beýan edýär.

Zarisowkada žurnalistiñ saýlap alan temasyna degişli waka suratlandyrylyp görkezilýär.Toslama däl-de, hakyky hem anyk faktlar beýan edilýär.Eger žurnalist bir fakty alyp (Meselem, plan dolandygy barada) ýazsa, ol habar žanry bolýar. Guraksy material bolup çykýar. Eger-de žurnalist informasion habara gerek bolan sanlardan, faktlardan başga, adamlar bilen hem duşuşyp, olaryñ oý-pikirlerini-de öwrenip, çeper söz ulanyp, janly hereketler bilen ýazsa, onda ol zarisowka žanry bolar. Zarisowka reportaža hem oçerke ýakyndyr.

**Reportaž žanry.** Eger-de habar žanry waka barada habar berse, onda reportažda waka görkezilýär. Reportaž waka gatnaşygynyñ gürrüñidir, ýazgysydyr. Onda waka gatnaşygynyñ gözi bilen gören zatlary berilýär. Oçerkde edebi serişdeler adam obrazyny döretmekde gerek bolýan bolsa, reportažda bolup geçen wakanyñ şekilini täzeden döretmekde ulanylýar.

**Publisistika**-habar beriş serişdeleriniñ özenini düzýär. Sebäbi gyzykly, janly çykyş ähli hakykaty ýüze çykarýar. Publisistika žurnalistikanyñ oçerk, makala, feleton ýaly žanrlaryny öz içine alyp, publisistiki žanrlaryñ bitewiligini düzýär.

**Radiožanrlary**.Olar özleriniñ taýýarlanyş aýratynlygy boýunça gazet-žurnal žanrlaryndan tapawutlanýar. Radiogepleşikleriñ formasy hem tematikasy örän giñdir. Tematikanyñ käbiri ýyllar boýy dowam etse (radiomakala, radiointerwýu, radioreportaž, radiohekaýa, radiooçerk) käbiri çalt-çalt çalşyrylyp durulýar. Radiožurnalist gepleşikleri dürli žanrlarda taýýarlap, radiodiñleýjileriñ söýgüsini gazanýar.

**Težanrlary**. Gepleşikleri bermegiñ dürli formasynyñ hem metodynyñ bolmagy telewideniýede dürli žanrdan peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Şonda telewideniýäniñ aýratynlygy (tekstiñ wideoşekil hem wideoýazgy bilen utgaşmagy) diñe faktlar hem wakalar barada gürrüñ bermän, eýsem olary ekranda-da (teleinterwýu, telereportaž, telesyn, teleoçerk) aýdyñ görkezmäge mümkinçilik döredýär. Şeýlelikde, gepleşigiñ täsirliligini artdyryp, teletomaşaçynyñ ünsüni çekýär.

## Tekstiñ ýazylyşy

Gazet-žurnal materialy ýa-da teleradio gepleşigi üçin ilkinji nobatda tekst gerek. Tekst hem tema boýunça toplan faktlaryñdan, sanlaryñdan düzülýär.

Tejribeli žurnalistler uly göwrümli materiallary ýazyp başlamazdan ozal, özüçe materialyñ meýilnamasyny (nämeden başlamaly, nähili gutarmaly, detaly, epizody niresinde ulanmaly we ş.m.) ýazyp başlaýar.

Tema boýunça toplanylan faktlary seljerýär. Olardan özüne gereklisini saýlap alýar. Faktlaryñ hem yzygiderliligini düzýär. Tejribäniñ görkezişi ýaly, ýazyp başlananda faktlar ýetmezçilik etmez ýaly, ilki başda faktlary köpräk toplamaly. Soñra žurnalist şol faktlardan geregini peýdalanýar, gerekmejegini aýyrýar.

Islendik esere, isle ol çeper eser bolsun, isle gazet-žurnal materialy, isle ol teleradio üçin gepleşigiñ teksti, tapawudy ýok, ilki başda başlamak kyn. Dogrusy, gozganmak kyn. Sebäbi tekste başlamak awtora psihologiki taýdan täsir edýär. Onuñ iki sany psihologiki sebäbi bar:
Birinjiden, nähili bolarka diýip, awtor çekinýär.
Ikinjiden, awtory ýaýdañjañlyk basmarlaýar.

Žurnalist özüne erk edip teksti ýazyp başlaýar. Eseriñ ýazylyşy awtoryñ tejribesine, bilimine, göz ýetimine bagly. Tejribeli žurnalist, eger ol publisistiki makalany ýazan bolsa, ozalky toplan faktlaryndan daşgary köne ýazgylary, suratlary, çagalykda ýatda galan goşgyny hem ýadyna düşürip peýdalanýar. Tekstiñ içinde sanlar, adam atlary getirilende ägä bolmaly. Sanlar anyk bolmaly, bloknodyñdan belläp alanyñ bilen deñeşdirmeli, sanlaryñ dürsdigine göz ýetirmeli. Adam atlaryny hem şonuñ ýaly tertipde barlamaly. Eger-de hojalyk boýunça alnan sanlarda ýalñyşlyk bardyr öýtseñ fakt alan hojalygyña täzeden jañ edip hem sanlary anyklamak bolar. Gepiñ gysgasy çap bolup, efire gidip giñ köpçülige ýaýraýan materiallarda ýalñyş goýbermejek bolup çalyşmaly.

Interwýu žanry boýunça material ýazan žurnalist faktlaryñ anyk bolmagy barada aladalanmaly. Sebäbi žurnalist interwýu alýar, ep-esli wagt geçiribem interwýusyny ýazýar. Gazetde çap bolýar. Eger-de materialda biriniñ göwnüne degýän yrgarak pikir bar bolsa, ertesi redaksiýa jañ üstüne jañ gelip başlaýar. Nädogry pikir aýdanlygy üçin redaksiýany günäkärleýärler. Interwýu alan žurnalisti çagyryp, fakty anyklaýarlar. Žurnalistiñ bloknotynda ýazyp alnan fakt dogry, ondan interwýu beren adam (eger ol şäherde işleýän bolsa) bilen gürrüñdeş bolýarsyñ. Ol adam yrgarak pikirli fakty aýtmadygyny tassyklamaga çalyşýar. Şeýlelikde redaksiýa iki sany dawagäriñ (žurnalistiñ hem interwýu bereniñ) arasynda galyp, örtenmeli bolýar.

Şeýle ýagdaýyñ gaýtalanmazlygy üçin şondan soñ redaksiýa žurnalistden taýýarlan interwýusyna interwýu berene gol çekdirip gelmegini talap edip başlady. Şeýle usul örän dogry usul bolsa gerek.

Redaksiýanyñ käbir işgäri ilki başda bloknotyna faktlary, sanlary ýazýar-da, depderçesiniñ her sahypasynyñ aşagyna hojalyk ýolbaşçylarynyñ biriniñ goluny çekdirtýär. Bu usul faktlaryñ anyk bolmagynda, elbetde, erbet usul hem däl. Emma tejribede kän ulanylyp ýitirilmeýär. Sebäbi adamlara ynamy gaçyrýar. Faktlary, sanlary bloknotyña ýazanyñda anyklyk gerek.

Indi sanlardyr adam atlary hakynda. Materialda olary çakdanaşa köp ulanmajak bolmaly däl. Sanlardan, adam atlaryndan doldurylan material okyjynyñ ünsüni çekmez. Käbir awtor bolsa, materialyny çeperleşdirjek bolup, nakyllardan, atalar sözünden dolduryar. Dogry, nakyllardyr atalar sözünem ulanmaly, emma çeper sözleri köpräk peýdalanmaly. Hormatly Prezidentimiz materiallaryñ çeperçiligi barada şeýle diýdi: „Gazetlerde sünnälenen gazet dilini, žurnallarda publisistik dili, ýazyjylaryñ eserlerinde şireli çeper halk dilini isleýärsiñ. Emma gazetlerde-de, žurnallarda-da, käbir

ýazyjylaryñ soñky döwürde ýazýan eserlerinde-de diliñ çeperçilik derejesine bildirilýän talap düýbünden ýitip gitdi. Azyndan segsen müñ söz gory bolan türkmen diliniñ baýlygyndan häzirki wagtda döredijiligiñizde bary-ýogy 200-300-e golaý sözi ulanýarsyñyz“ (45 sah.).

Hormatly Prezidentimiz pes hilli gepleşikler hakynda-da şeýle diýdi: „Gepleşikleri görenimde mende şeýle pikir döreýär: žurnalist gepleşigi surata düşürip gelip, onuñ üstünde doly işlemän, diñe käbir ýerlerini düzedip, şol durşuna efire hödürleýän bolmaly. Ýogsam, ol kamerany alyp, ýazga gitmezden öñ surata düşürjek obýektine degişli ençeme maglumatlary öwrenmeli, ençeme kitaplary okamaly, degişli pudagyñ hünärmenleri, tejribeli adamlar, teoretikler, alymlar, hünärmenler bilen maslahatlaşyp, taýýarlajak gepleşiginiñ mazmunynyñ döwlet derejesinde bolmagyny üpjün etmek üçin, haýsy wezipedäki, haýsy hünärdäki adamlar bilen interwýulary gurajakdygy barada çuñ oýlanmaly. Emma biziñ žurnalistlerimiz obýekite göni barýarlar-da, bir ýa-da iki adam bilen ýazgy edip, yzlaryna dolanýarlar“ (42 sah. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiñ täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009).

Örän ýerlikli aýdylan bellikler. Hünärmenler bilen maslahatlaşyp degişli kitaplary okap, obýekt oñat öwrenilenden soñ, ýazgy edilse, elbetde, ýokary hilli telegepleşikleri, şeýle hem radio gepleşikleri taýýarlap bolar. Indi materiallaryñ sözbaşylary hakynda. Sözbaşy iki hili ýagdaýda döreýär. Birinjisi, material ýazylyp bolnandan soñ, tekstiñ içinden çykarylýar. Ikinjisi, entek material ýazyp başlamakañ, fakt alnyp ýörlen döwürde, awtoryñ synçylygy bilen döreýär. Sözbaşylary döretmegiñ iki usuly hem synagdan geçen oñat usul.

Sözbaşy goýmak kyn mesele. Jüpüne düşen sözbaşy materialyñ many-mazmunyny berýär, materialy bezeýär. Sözbaşy anyk hem gysga bolmaly.

Möwsümleýin işler barada ýazylan materiallara sözbaşy köplenç synlamak ýoly („Gowaça depesinden güllemelimi“, „Käýeri köl, käýeri bolsa çöl“ we ş.m.) bilen goýulýar. Nakyllar hem sözbaşy bolup hyzmat („Ýedi ölçäp, bir kes“, „Aýazhan çarygyña bakarak“ we.ş.m.) etdi.

Sowet döwründe hojalyk ýolbaşçylarynyñ gaharyna aýdan sözleri („Ruçkañ tükenýänçä ýaz“, „Arzyñy kime aýtsañ, şoña aýt“, „Buýruk şeýle . . . “ we ş.m.) sözbaşy ornuna getirildi. Elbetde, şeýle usul bilen sözbaşy döretmek özüni ödemedi. Bu usul bilen döredilen sözbaşylar hojalyk ýolbaşçylar bilen ýönekeý adamlaryñ, žurnalistleriñ arasynda nägilelik döredýärdi.

Sözbaşy köplenç žurnalistiñ synçylygy bilen döreýär. Emma ýaş žurnalist tejribesizligi sebäpli synlamagy, duýmagy duşundan geçirýär, sözbaşy tapmakda kösenýär.

60-njy ýyllaryñ ahyrlarydy. Gazetiñ redaktory bir gün meni ýanyna çagyryp: „Jebelde“ bir çopan barmyş. Ýurt boýunça iñ oñat netije gazanypdyr. Git-de, şol çopan barada oçerk ýaz“ diýdi. Haýal etmän „Jebel“ sowhozyna gitdim. Çopanyñ ýanynda

bolup, ony öwrendim. Oçerk üçin gerekli faktlary aldym-da, Aşgabada gaýtdym. Oçerk ýazybam, redaktoryñ stolunyñ üstünde goýdym. Ilkinji komandirowkam, ilkinji oçerkimdi. „Redaktora ýararmyka ýa ýaraman yzyna gaýtararmyka“ diýip, tolgunmanam durmadym.

Redaktorymyz Mämmet Badaýew häsiýeti boýunça oçerki haýal etmän okady. Oçerk ýarapdyr. Emma sözbaşy bilen ony ikirjiñledipdir. „Sözbaşy tapyp gel“ diýdi. Iki-üç sany sözbaşy ýazyp eltdim. Redaktora ýaramady. „Hany, oñatja oýlan-da, sözbaşy tapyp gel“ diýip, oçerki yzyna gaýtardy. Ýene iki-üç sany sözbaşyñ „başyny“ agyrtdym. Ol sözbaşylar hem redaktora ýaramady. Men ýene sözbaşy tapmak üçin yzyma gaýtjak bolanymda, redaktor meni saklady-da:

- Şol çopanyñ nähili çopan? diýdi.
- „Jebelde“ iñ oñat çopan-diýdim.

Redaktoryñ ýüzi açylyp, keýpli gürledi.

- Boldy, boldy. Ine, sözbaşy ýerine düşdi. Goý, sözbaşynam şeýle diý-dä. Çopanyñ ýanynda bolanyñda, şu sözleri telim gezegem eşidensiñ welin, üns beren dälsiñ. Žurnaliste ilkinji nobatda synçylyk gerek, synçylyk – diýdi.

Elbetde, „Jebelde“ iñ oñat çopan“ sözbaşym şeýlebir tapylgysyz sözbaşy däl. Emma, Mämmet Badaýewiñ synçylyk hakynda aýdanlary maña uly sapak boldy.

Eýýäm 80-nji ýyllaryñ başlarynda, oçerk ýazjak obýektime entek barmankam, synçylyk hem duýgurlyk esasynda oçerkiñ sözbaşysy taýýar bolýardy.

Material ýazmankañam, ýazanyñdan soñam sözbaşy hakda oýlansañ göwnüñe makul sözbaşy tapylýar.

## Oçerkler nähili ýazylýar

Oçerkler durmuşy dogruçyl hem çeper suratlandyrýan žanr hökmünde özboluşly aýratynlyga eýedir. Oçerk çeper edebiýatyň hekaýa ýa – da powest ýaly žanrlaryna ýakyndyr. Gahrymanlarynyň, tebigatyň beýan edilişindäki janlylyk, täsirlilik, suratlandyrma oçerki çeper edebiýat žanryna ýakynlaşdyrýan serişdelerdir. Oçerk durmuş bilen çeper edebiýatyň arasyny birleşdirýän köpri, durmuşy öwrenmegiň uly mekdebi hasaplanylýar. Adamlaryň durmuşdaky ähli zady bolşy ýaly bilmek, öwrenmek, görmek islegini ýerine ýetirýär.

Türkmen oçerk žanrynyň döräp başlan ýyllaryndaka garanyňda, soňky döwürde bu žanr professional taýdanam kämilleşýär, onuň ähli görnüşleri boýunça – da eserler döredilýär diýsek ýalňyşmasak gerek. Beýleki halklaryň edebiýatynda bolşy ýaly, türkmen edebiýatynda – da oçerk žanrynyň dürli (portret, mesele gozgaýjy, wakaly, ýol ýazgyly) görnüşleri döredi.

Türkmen oçerkiniň düýbüni B. Kerbabaýew, G. Burunow, A. Gowşudow ýaly edebiýat ussatlary tutupdyrlar ondan soňky döwürde A. Aborskiý, K. Berdiýew, A. Atajanow ýaly ýazyjylar oçerk bilen yzygiderli iş salyşdylar.

Togsanynjy ýyllaryň başyndan, esasan – da Türkmenistan döwletimiz Garaşsyzlygyny alanyndan soň, mesele gozgaýjy hem ýol ýazgyly oçerkleriň germi artdy.

Watanymyzda Garaşsyzlygyň binýadynyň tutulyp başlanan ilkinji günlerinden bolup geçýän ykdysady, sosial – syýasy ösüşler bilen birlikde türkmen delegasiýasynyň daşary ýurtlara saparda bolan mahalynda görlüp – eşdilen täsirli wakalar hem oçerkleriň üsti bilen halka ýetirilip başlandy.

Garaşsyzlygyň geçen ýyllarynyň içinde adamlaryň aňyndaky, ruhundaky öwrülişigi ilki bolup duýan oçerkdir. Oçerk durmuş wakasyna ilkinji bolup seslenip, ynsan kalbyny heýjana salýan operatiw žanrdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2008 – nji ýylyň ýanwar aýynda ýurdumyzyň döredijilik işgärleri bilen bolan duşuşygynda habar beriş serişdeleriniň öňünde täze wezipeleri goýdy. Häzir ýurdumyzyň durmuşynda täze döwür başlandy. „Bu döwür biziň öňümizde gaýra goýman çözülmeli ägirt uly wezipeleri goýýar“ diýip, döwlet baştutany aýtdy.

Durmuşyň öňe çykarýan meselelerini, onuň çözgüdini gyzgyny bilen halka ýetirmek, adamlaryň hyjuwyny, oý – pikirini beýan etmek, ilkinji nobatda, oçerk žanrynyň boýnuna düşýär. Žurnalist üçin bolsa halkyň maksadyndan, bagtly ýaşaýşyny görmekden we wasp etmekden zyýada bagt bolup bilmez. Garaşsyzlyk beýleki edebi žanrlar bilen bir hatarda oçerk žanrynyň – da kämilleşmegine täsirini ýetirdi. Täze döwrüň täzeçe pikirlenýän, täzeçe işleýän adamlary oçerklerde janlanyp ugrady.

Guraksy faktlardan, sanlardan dolduranyň bilen oçerk bolaýýamy?! Elbetde, bolmaz. Oçerkde wakalarda, faktlardyr sanlar – da çeperçilik serişdeleriniň üsti bilen berilmeli. Her bir fakt, waka gahrymanyň häsiýetiniň açylmagyna, eseriň gyzykly başlanyp, gyzykly hem gutarmagyna hemaýat etmelidir.

Temany çuňňur öwrenmezden, durmuşa, adamlara, wakalara göz ýetirmezden, täsirli oçerk ýazaýmak mümkin däldir. Ýüzleý toplanan faktlar, maglumatlar, ýeterlik bolmadyk synlamalar esasynda, owadan sözler bilen umumy häsiýetde ýazylan oçerk täsirli hem gyzykly çykmaýar. Tema anyk ýagdaýda açylman, umumy gürrüňlere syrykdyrylsa, her hili gyzykly sanlar – da, maglumatlarda oçerke peýda getirmeýär.

Oçerk anyk hem hakyky maglumatlar esasynda ýazylýar. Bu žanrda adamlar, olaryň hereketleri, wakanyň hakyky ýagdaýy janly suratda açylyp görkezilýär. Žurnalist faktlary hem wakalary owadanlaman, durmuşy dogry şöhlelendirýär, oçerkde hyýaly çeper tärler hem ulanylýar, ýöne ol ynandyrjy bolup hakykata esaslandyrylýar.

Käwagt eseriň gahrymanyny “gürledip“ bilmedik mahalyň hyýaly wakalara ýüz urmaly halatlaryňam bolaýýar. Gahryman işini näçe oňat bilýänem bolsa, il arasynda näçe hormatlam bolsa, gürrüň bermegi başaranok. Awtoryň bolsa gyzykly wakanyň üsti bilen gahrymany wasp edesi, oçerki gyzykly ýazasy gelýär. Şeýle ýagdaýda hyýaly waka kömege ýetişýär. Ýöne hyýaly döredijilik hakykat bilen baglanyşmalydyr, esasan – da eseriň baş gahrymanynyň durmuşyna ýakyn bolmalydyr. Egerde eseriň baş

gahrymanynyň durmuşyndan gyzykly waka tapyp bolmaýan bolsa, şol kärdäki adamlardan eşiden gyzykly wakaňy ulanýan halatlaryň – da seýrek bolanok.

Ýetmişinji ýyllaryň ahyrydy. Tagtabazaryň şol wagtky Kirow adyndaky daýhan birleşiginden agronom hakynda oçerk ýazjak bolup kösenişim ýadyma düşýär. Baş gahrymanym geplemsek däl. Gyzykly wakalaram ýadyna düşürip bilenok. Guraksy synlardan başga aýdýan zady ýok. Onsoň agronomdyr brigadiriň arasynda bolýan dartgynly wakalar barada beýleki daýhan birleşiklerinde eşiden gyzykly wakalarym ýadyma düşdi – de, şonam oçerkimde ulandym.

Eger baş gahrymanyň gürrüň berip bilmedik ýagdaýynda hakyky durmuşdan alnan waka gahrymanyň üçin hyýaly tapylan waka bolman, eýsem, real hakykatam bolýar ekeni. Şeýle hakykata duş gelýän ýazyjydyr žurnalistler az däl bolsa gerek. Oçerk kyn žanrlaryň biri. Onuň gyzykly bolmagy, ilkinji nobatda, saýlanyp alnan temanyň möhümligine bagly. Döwrüň öňe süren meselesine, wakasyna wagtynda seslenen eser gyzykly okalýar. Döwrüň öňe süren meselesinden yza galýan temadan ýazylan oçerk okyjynyň göwnünden turmaz. Oçerkleriň, onda – da gazetleriň redaksiýalarynda işleýän oçerkçileriň operatiw hem talapkär bolmalydygy, şu günüň meseleleri bilen iş salyşmaly bolýandygy üçin wezipäniň has – da çylşyrymlydygy hem kyndygy, ine, şunuň ýaly sebäpler bilen düşündirilýär.

Operatiwlik radio hem gazet oçerklerine has – da mahsusdyr. Gazet oçerki özüniň aýratynlygy bilen edebi žurnal oçerkinden tapawutlanýar. Edebi žurnaldaky oçerkde esasy ideýa – da, jemgyýetçilik – syýasy işde, gahrymanlaryň suratlandyrylyşy – da, olaryň häsiýetleri – de çeper obrazda berilýär. Gazet oçerkinden derwaýys meseläniň görkezilmegini, anyk adam işiniň takyk suratlandyrylmagy talap edilýär. Eger – de edebi žurnaldaky oçerkde gahrymanyň häsiýetiniň ösüş, kämilleşiş taryhy beýan edilýän bolsa, gazet oçerkinde faktyň, wakanyň taryhy suratlandyrylýar.

Gahrymanyň häsiýeti açylýar. Žurnalist esasy obýektden daşlaşman, meseläniň iş ýüzünde durmuşa geçirilişini görkezýär. Gazet sahypalarynda uly göwrümli oçerki çap etmäge mümkinçilik bolmaýar. Gazetler üçin oçerk möçberi boýunça gysga ýazylmaly.

Portret oçerki özboluşlylygy, gahrymanynyň häsiýeti hem dil meselesindäki aýratynlygy bilenem tapawutlanýar. Awtor özüniň gahrymany bilen birnäçe gezek duşuşýar, gürrüňdeş bolýar. Ony ýeke gezek däl, birnäçe gezek synlaýar, kärdeşleriniň oňa bolan garaýşyny öwrenýär. Daşky sypatyndan başlap, ähli hereketini yzarlaýar. Häsiýetinde, pikir ýüwürtmesinde, sözleýşinde tapawutly ýerlerini gözden salmaýar. Hatda köp gaýtalap aýdýan sözlerine çenli belläp alýar.

Oçerkiň baş gahrymanynyň kalbyna aralaşmak, onuň ynamyna girmek aňsat däl. Ilkinji şerti gahrymanynyň gowy görmek, onuň hem awtory sylamagyny gazanmakdyr. Biri – biriňe ynanyşmasaň, oçerke zerur faktlary toplap bolmaýar.

Awtor ýazjak oçerkinde ulanjak faktlaryna garanda, 10 esse köp fakt toplamaly. Eseri üçin şol faktlaryň içinden iň esasysyny saýlap almaly.

Ýurdumyzyň zehinli ýazyjylarynyň biri Annaberdi Agabaýew „Türkmenistan“ gazetiniň 1993 – nji ýylyň sentýabryndaky sanynda „Garaşsyz döwletiň döwletgalamy“ makalasynda, ine, şeýle ýazýar: „...Otuz üç ýyl mundan ozal, şindi gögeleje žurnalistkäm, maňa gazetimiziň Täze ýyl sanyna bermek üçin direktor hakynda oçerk ýazmak tabşyrylany ýadyma düşýär. Men gulluk komandirowkasyna – da şonda ilkinji gezek gidip görüpdim. Çärjewe baryp, (häzirki Türkmenabat) salgy berlen direktor bilen duşuşdym. Ol meniň adymy, familiýamy, ýaşymy, gutaran okuw jaýymy sorap, näme üçindir, şol bada öňündäki kalendara belledi – de, özi hakda, önümçilikdir zähmet öndürijiligi, öňdebaryjylar hakda keltegräkden guraksy gürrüň berdi. Meniň tejribäm bolmansoň, direktory „içini dökdürip“ gürledip bilmedim, oçerki nädip ýazarkam diýip gaýga batdym. Kärhananyň işgärleri bilenem duşuşdym. Olaryňam ählisiniň gürrüňi birmeňzeşräk boldy. Oçerk ýokdy. Men ony ýazar ýaly „janly“ bir wakalary, ahwalaty, jikme – jik detallary tapyp bilemokdym.

Ertesi ýene direktoryň ýanyna bardym, işikden gire – girmäne – de, oňa göni öz haýyşymy aýtdym.

- Öňüňizdäki şol kalendary maňa ýadygärlik beräýiň-dä... ýyl hem indi paýawlap barýar. Size onuň indi kän bir geregem ýok.

Direktor ilki geňirgenjek ýaly etdi. Soňam ýylgyrdy – da:

- Al, pälwan, geregiň şo bolsun, me! – diýip, kalendaryň sahypalaryny topy bilen siminden ýazdyrdy-da, maňa uzatdy.

Şol gije meniň myhmanhanadaky çyram daňdana çenli öçmedi: onuň kalendarynyň sahypalaryna edilen bellikleri okamak içaly ýa garakçyly roman okanyňdanam gyzyklydy. Bu direktor ýylyň üç ýüzden gowrak gününiň her birinde şu kalendaryň degişli sahypalaryna şeýle bir jikme – jik bellikler edipdir welin, göhüň gelsin – tutuş kärhana eliň aýasynda ýaly! Kärhananyň, onuň ýolbaşçysynyň, käbir işgärleriniň dört pasyl iş aladalary, terjimehaly meniň göz öňümde ähli jikme – jikligi bilen ör – boýuna galan ýaly boldy. Düşünmedik ýerlerimi, ahwalatlarymy ertesi direktoryň özünden, işgärlerinden sorap, men ol oçerki şol şäheriň özünde hezil edip ýazdym...“.

Awtoryň boýun alyşy ýaly, entek bu gowşajyk „faktlar oçerkidi“. Emma näme – de bolsa, awtoryň kyn ýagdaýdan çykalga tapyşy, oçerkiniň baş gahrymanyny gürledip bilmese – de, onuň kalendaryny „gürledip“ bilşi ýaş žurnalistler üçin görelde alarlykdyr. Öňde belleýşimiz ýaly, oçerk döretmekde tebigy zehinem, baý tejribe – de gerek. Edebi eserleri yzygiderli okap, dil baýlygyňy artdyrmagam möhüm. Oçerkde ownuk detaldan başlap, uly detallara çenli – hemmesi “işlemeli“, kiçi detallar uly detallara hyzmat etmeli. Ynha, mysal üçin, käbir oçerkçi sözbaşy tapmakda kynçylyk çekse, käbiri ony jemlemekde kösenýär. Eger eser üçin fakt toplaýan mahalyň synçylygyňy, duýgurlygyňy „işledip“ bilmeseň, sözbaşy meseläňem faktlar bilen bilelikde döreýär welin, tejribesizlik zerarly soňra kösenýän mahalyň az bolmaýar.

Ine, bir gezek Arçmanda lukman bolup işleýän Gylyç Şahalyýew hakynda oçerk ýazmagy ýüregime düwdüm. Entek Arçmana gitmezden ozal Gylyç hakynda soraşdyryp, ol hakdaky gürrüňleri diňledim. Gürrüňdeş bolanlarymyň hemmesi – de: „Biz-ä Arçmanda Gylyç bar diýip gidýäs“ diýdi. Täze oçerkimiň sözbaşysy „Arçmanda Gylyç bardyr“ bolup, entek ol ýazylmanka taýýar boldy duruberdi.

Oçerk žanry, goý, ol haýsy temadan, haýsy görnüşde bolsa bolsun, köp zähmeti, gözlegi, synçylygy, operatiwligi talap edýär. Temanyň içine ymykly girip, zähmet gaýgyrylman, operatiw ýazylan oçerkler häzirki täze Galkynyş eýýamynda has-da zerur.

Hormatly Prezidentimiziň bimöçber tagallasy bilen ýurdumyz galkynýar. Täze özgertmeleri, ösüşleri başdan geçirýär, ozal görlüp eşdilmedik üstünliklere eýe bolýar. Şeýlekin ösüşleri, üstünlikleri wasp etmekde, ulus-ile ýaýmakda oçerk žanryna möhüm orun degişlidir.

## Netije

Žurnalistika jemgyýetiň sosial organy. Jemgyýete sosial habar gerek. Şonuň üçinem jemgyýet sosial institutlary (metbugat, žurnalistler kollektiwi, auditoriýa) döredýär.

Žurnalist özüniň materiallary, taýýarlaýan gepleşikleri bilen auditoriýa täsir edýär. Auditoriýa-da ýene jemgyýete täsir edýär, bu proses gaýtalanyp durýar.

Žurnalist tabşyryk alyp, material ýazýar. Onuň ýazan materialy ýa taýýarlan gepleşigi ýene auditoriýa täsirini ýetirýär.

Žurnalistika bir tipli däl. Ol habar beriş serişdeleriniň dürli görnüşlerinden (metbugat, telewideniýe, radio, Döwlet habarlar gullugy) ybarat. Olaryň hersi özboluşly çylşyrymlylygy bilen tapawutlanyp, biri-birinden aýry däldir. Biri-biriniň üstüni dolduryp, baýlaşdyryp durýarlar. Biri-birine baglanyşykly hereket edýärler.

Žurnalistiň taýýarlan materialy ýa teleradio gepleşigi auditoriýa täsir edip, jemgyýetçilik pikirini döredýär, raýatlaryň jemgyýetçilik işeňňirligini artdyrýar. Taýýarlanylýan materiallar. teleradio gepleşikleri, okyjylaryň, diňleýjileriň işeňňirligi-de şonça ýokary bolýar. Elbetde, ýokary hilli materiallary ýazmak, teleradio gepleşiklerini taýýarlamak, birinji nobatda žurnalistiň ussatlygyna bagly.

“Žurnalistikanyň ussatlygy” diýen okuw gollanmasy žurnalistika hünäriniň talyplary üçin niýetlenilýär. Bu okuw gollanmasy ilkinji gezek ýazylyp, talyplara hödürlenilýär.

“Žurnalistikanyň ussatlygy” diýen okuw gollanmasynda žurnalistikada ussatlyk meseleleri gozgalýar. Žurnalistiň tema hem obýekt saýlamakdaky, her bir žanra laýyklykda faktlary almakdaky, žanrlar boýunça ýazmakdaky ussatlygy seljerilýär.

Gazet-žurnallar üçin materiallary, teleradio gepleşikleri gyzykly hem operatiw taýýarlamak köp derejede ussatlyga bagly. Tejribeli ýazyjylaryň, žurnalistleriň ussatlygy hakynda söz açylyp, olaryň döredijilik tejribesinden gyzykly maglumatlar getirilýär.

Žurnalistikanyň işi beýleki döredijilik işlerinden tapawutlanýar, esasy tapawutly aýratynlygy onuň redaksiýanyň bir bölegi hasaplanylmagydyr. Žurnalistiň işi redaksiýanyň işi bilen baglanyşykly: Redaksiýada tema meýilleşdirilýär, žurnaliste tabşyrylýar. Žurnalist materialy ýazyp gelýär. Ilki bölümde okalýar, soňra redaktor okaýar. Material çap bolansoň, önümçilik maslahatynda baha berilýär.

Şeýlelikde, redaksiýada önümçilik işi döredijilik işi bilen utgaşýar. Žurnalist redaksiýa tarapyndan material ýazmak boýunça (materialyň möçberi, ýazyp gutarmaly möhleti) berlen tabşyrygy berjaý edýär.

Häzirki Beýik Galkynyş eýýamynda milli metbugatyň, milli teleradionyň ösüşi täze basgançaga galdy. Ýurt baştutanymyz habar beriş serişdeleriniň işine yzygiderli üns berip durýar. Indi döredijilik işiniň formasy-da, mazmuny-da büs-bütünleý täzeçe guralýar. Çap edilýän materiallara, taýýarlanylýan teleradiogepleşiklerine täze talaplar bildirilýär. Täze talaplaryň ruhunda işlemek žurnalistiň ussatlygyna bagly.

## Edebiýatlar

1.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler.1=nji tom. Aşgabat, 2008.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. –Aşgabat, 2009.
3.Bogdanow N.G., Wýazemskiý B.A. Sprawoçnik žurnalista. L.,1971.
4.Problemy teorii peçati. M.,1973.
5.W pomoş naçinaýuşim žurnalistam. M.,1965.
6.Masterstwo žurnalista.-M.,1977.
7.Ylýasow K,. Goçmyradow H. Döwrüň aýnasy.Aşgabat, 1990.
8. Goçmyradow H. Ruhy gözelligiñ aýnasy.Aşgabat, 1994.
9.Goçmyradow H. Žurnalistikanyň žanrlary.Aşgabat,2010.
10.Goçmyradow H., Ýaýlymow G. Öwrüm. Aşgabat, 1997.